Standarlaşdyrmak uly ýol geçdi - birinji tehniki kadalardan nusga-standartlara çenli ( kompaniýanyň esasy funksiýalaryny maglumatlaşdyrmak , onuň esasynda sarp edijiler we öndürijiniň arasynda biri birine düzüdijilik döretmek. Standartlaryň baş funksiýasy , orny - rasional önümçilikden hil dolandyryş ulgamyna çenli üýtgetdi.Standartlaşdyrmagyň açyklygy sebäbli täze döredilýän standartlar ýerli kärhanalara özleri üçin dünýä bazarlary tapmaga kömek edýär. Birnäçe döwletler üçin standartlar gümrükhana birleşikleri, erkin söwda zolaklary , köp taraply ylalaşyklary döretmäge bähbtli instruiment hökmünde ulanmaga mümkinçilik berýär. Bu esasan telekommunikasiýalar , mçaliýe hyzmatlara , informasion tilsimatlara degişlidir.

Terminler , metrologiýa we ölçeglere degişli senagat standartlary öndüriji we sarp edijiniň aralarynda düşünşme we alyş- çalyş döretmäge şertler döredýär. Halkara kadalary ulanmak bilen olar hemme kişi bilen düşünilýän we hasaplanylýan umumy dili kesgitleýär. Şonuň üçin sosial we sarp edijilik täsiri wajyp ýokarda galýar.

Umumy ulanylyş standartlar bazaryň hemme subýektlerine we sarp edijileriň saglygyny gorama we howpsuzlyga täsir edýärler.

Önümçiligiň we söwdanyň ösmegi bilen täze tipli standartlaryň döremegi – etalon – standartlaşdyryş – Hil ulgamyň döremegine iterge berýär we olaryň maksadyny , wezipelerini we kadaly derejä ýetmegini üpjün edýär.

Ekologiki standartlar ISO- 14000 daşky gurşawy dolandyrmagy her gün ýüz tutmagyny beýän edýär. Şu günler birnäçe kärhanalar şu standartyň eýeleri boldular. Ekologiki standartlaryň hemmämiz ýer şaryny hapalanmadan , öz durmuşymyzy köp hapalaýjy çeşmelerden goramak maksadyny goýýarys.

Standartlaşdyrmagyň effektiwligini galdyrmak üçin sarp edijileri giňden nusgalaryny , serişdeleri döretmäge aktiw gatnaşmaly. Amerikan distribýütorlary ştrih kodlar girizilmekde ( oba hojalyk we iýmit harytlar özleri inisiatorlar boldular.Adamzat standartizasiýanyň ösüp barýan ýurtlaryň her günki problemalaryny ýeňilleşdirmek üçin kömek eder diýip umydyny ýetirmeli däl

Halakara standartlaşdyrmak we ykdysady hereketleriň globalizasiýasy bir düşünjedir.

## Nebit-gaz pudagy üçin standartlaryň sazlaşdyrylmagy

Nebit we gaz senagatlary ýurdumyzda daşary ýurt enjamlar bilen enjamlaşdyrylýarlar. Öz wagtynda olar Rossiýanyň, Azerbaýjanyň we Ukrainanyň kärhanalarynda işläp düzülýärdi. Şu döwürde nebit- gazyň buraw, gazyp almak , transportirlamak we gaýtadan işlemek üçin enjamlar esasan ABŞ , Kanadadan , Germaniýadan , Fransiýadan, Rumyniýadan we Italiýadan getirilýär. Üç müňden gowrak nebit-gaz enjam öndürijiler 56 döwletlerde ýerleşýärler , we olar öz önümçiliklerinde hilli we Halkara standartlar bilen peýdalanýarlar.Emma , birnäçe sebäpli biziň ýurdumyzyň nebit-gaz kärhanalarynda ulanylýan enjamlar, köne standartlar we kadalaşdyryjy resminamalary ulanýarlar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Döwlet milli maksatnamalary boýunça Türkmenistanyň XXI-nji asyryny Türkmen halkynyň Altyn Asyryna öwürmek bilen nebit-gaz pudagynda öndürilýän önümiň göwrümini köpeltmek bilen onuň hilini we bäsleşige ukyplylygyny tiz ýokary- ýokarda görkezilen meseleleri çözmek üçin Türkmenistanyň çäginde halkara ýa-da halkara guramalar tarapyndan ykrar edilen milli standartlar dogry ulanylyp bilerler. Bu ýagdaýda hasaba alynmaly zat – köp öndürijiler enjamlary ( API ) amerikanyň nebiy institutynyň standartlarynyň talaplaryna laýyklykda öndürýärler.Nebit pudak maşyn gurluşyk dünýä tejribeliginde giňden ulanylýar. API standartlaryň esasy maksady – nebit enjamlaryň hilini we nebit-gaz ýataklary işlenende effektiw we howpsuz işleri amala aşyrylmagyny üpjün etmek. API standartlary nebit pudagynyň enjamlarynyň dünýä bazarynda öndürijileriň berk konkurensiýa şertlerinde örän ýokary üstünlik we köp bäsleşýän firmalar şol derejä ýetjek bolýar.API-nyň standartlary hödürleme hökmünde ulanylsada, öz önümçiliklerini üstünlikli yerleşdirmek maksady bilen bu standartlary öz önümçiliklerinde ornaşdyrjak we layyklyk sertifikaty aljak bolup çekeleşýärler. API-tyň standartlary nebit enjamlary esasy talaplaryny belleyärler,geçirilyän işleriň hilini we ygtywarlygyny üpjün etmek üçin. Bu resminamalar nebit pudak enjamlarynyň esasy element kanstruksialarynyň kadalaryny we hasaplayjy usullaryny saylamak üçin

maslahatlar görkezyär, berkligiň çäklerini we ygtybarlygyny kriteriyalaryny, belleyär, we materiyalaryň synag usullaryň maglumatlaryny görkezmelerini hödürleyärler.Bustandartlarda tayyar önümleriň synag ussullary we hasabat resminamalary talaplary görkezilyär. Olardan başgada wajyp operasiyalaryň barlag prosesiň, dürli derejeli işgärleriň jogapkärligi we işe professional derejesiniň resmi taydan ykrar edilmegini görkezyärler. Standartlaryň sazlaşdyrmagynyň kynçylygy API-tyň standartlarynda ASME , ASNI, NASE standartlara salgylanmagy. Biziň Türkmen Döwlet Standartlarymyzyň Halkara standartlary sazlaşdyrmagy biziň öňümizdäki duran meseleleri tiz wagtynda çözmegiň ýene bir ugurydyr. Şu günler Halkara standartlaşdyrmak gurama (ISO ) tarapyndan onuň tehniki komitetleri bilen nebit-gaz ugrunda köp halkara standartlaruy taýýarlamak , işläp düzmek.

## Türkmenstandartlary ˝ Baş Döwlet gullugynyň orny

Biziň ýurdumyzda ˝ Türkmenstandartlary˝ Baş Döwlet gullugy bilen önümiň hili , standartlaryň ýerine ýetirilmegi, ölçegleriň takyklygyny we dogrulygyny üpjün etmek , ýerasty baýlyklary tygşytly ulanmak , peýsdalanmak we zähmet howpsuzlygyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar. Hemme agzalan işler Türkmenistanyň kanunlary esasynda laýyklykda geçirilýär. ( Standartlaşdyrmak we metrologiýa, sertifikasiýa, ˝ Türkmenstandartlary ˝ Baş Döwlet gullugy barada düzgün esasynda).

Garaşsyzlyk ýyllaryň içinde biziň ýurdumyzyň dünýä ykdysadyýetine girmek maksady bilen, milli harytlarymyzy söwda girizmek üçin˝ Türkmenstandartlary ˝ Baş Döwlet gullugy (ISO, Ženewa) DDA Döwletara Geňeşine we STH Assosiasiýasyna girdiler. Onuň netijesinde kärhanalar her ýyl 200 sany döwrebap halkara , DAST alyp ulanmaga mümkinçilik döretdi we dünýä inwestorlary bilen iş salyşmaga ýol açdy.

Standartlaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň fondunda sol dokumentleriň 130 müň sanysy saklanýar, 7 müň halkara, 22,5 müň sany döwletara standartlaryň , 1, müň sany milli standartlaryň we tehniki şertleriň , 1 müňden gowyragy gurluşyk we arassaçylyk kadalar , howpsuzlyk düzgünler ýygnaldy. Fonduň göwrümi er gün täze resminamalar bilen köpeldilýär.

Biziň ýurdumyza pes hilli harytlar getirilmez ýaly we öndürilmez ýaly Türkmenistanda kanun esaslary we sertifikasýa boýunça Döwlet ulgamy döredildi.

Bu ulgamda sertifikasiýa boýunça 18 gurama belgilenen we işleýärler.

Önümiň hiliniň synagy boýunça 300 sany tejribehanalar döredilýär. Yzygiderlikli önümçiligiň sertifikasiýasy amala aşyralýar we milli aýratyn görnüşleri milli laýyklyk belgisi bilen belgilenýär. Önümde şekillendirilen belgi ýa-da etiketke laýyklyk sertifikata deňdir we dünýäniň 14 ýurtlarynda ykrar edildi. 1999-njy ýylda birinji bolup Hil ulgamyň sertifikasiýasy Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky jins toplumyna sertifisrlandy ISO- 9002 standartyň talaplaryna laýyklykda önümçiligiň durnuklylygyny we ygtybarlylygyny üpjün etmek etmek üçin ýurduň ykdysadyýetini maglumat üpjünçiligini gurnamak ,

halkara standartlary ulanmak milli standarty düzmek maksady bilen daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan bu işlere işjeňgatnaşyp uly kömek ederdiler.

## Standartlaşdyrmak boýunça döwletara guramalary EEC CEH

Geografiki, etnografiki şertler boýunça, ykdysady nukdaý nazaryndan ysnyşykly aragatnaşykdaky döwletleriň standartlaşdyryş edaralary regional guramalary emele getirýärler. Muňa GDA-nyň Standartlaşdyryş, metrologiýa we sertifikasiýa baradaky Döwletara Geňeşi, Türki dilli döwletleriň standartlaşdyryş barada regionara guramasy, standartlaşdyryş we metologiýa barada Arap döwletleriň guramasy we başgalar mysal bolup biler. Döwletara gurama girýän döwletler özara ylalaşygyň esasynda öz senagaty üçin häsiýetli, milli aýratynlyklaryna laýyk gelýän we söwda aragatnaşyklaryny aňsatlaşdyrýan standartlary işläp taýýarlaýarlar. Tükmenistanyň standartlaşdyryş edarasy bolan Standartlaşdyryş, metrologiýa, ýerasty baýlyklary goamak we halk hojalygynda işleri howpsyz alyp barmak boýunça Baş döwlet inspeksiýasy GDA-nyň Döwletara Geňeşi guramasynyň agzasy bolup durýar. Bu guramanyň işini alyp barýan sekretariat minsk şäherinde ýerleşýär. Bu guramanyň wagtly wagtynda Döwletara maslahatlary geçirilýär. Maslahatlardan başga-da standartlaşdyrmagyň, metrologiýanyň we sertifikatlaşdyrmagyň aýratyn meselelerine garaýan işjeň toparlaryň ýygnaklary hem geçirilýär. Geňeş döwletara standartlaryny kabul edýär. Kabul edilen Döwletara standartlar Geňeşiň w toparyň kararlary Döwletara Geňeşe girýän döwletlerde şol döwletleriň standartlaşdyryş baradaky milli guramalaryň kararlary bilen güýje girizilýär. Günbatar Ýewropada ekonomik ýaşaýşynyň internassionalizasiýa giň ýaýrady. Integrasion prosesler Ýewropa ekonomikanyň bileleşiginiň(EEC) ramkasyna we Ýewropanyň arkaýyn satuwyň assosasiýasy (EACT) – ly regional birleşmeleri ösýän günbatar Ýewropa ýurtlarynda – görkezildi, iň başda, politekanyň netijesinde protektionizminiň birleşilenligi görkezýärler. Bu proseslar konsentrasiýa, spesializasiýa we önümçiligiň kooperasiýasyna getirdi, şeýle-de regiona bazarynyň birleşigini ulanmak, ekonomiki täsiriniň sferasyny giňeltmek, beýleki döwletleriň ykdysadyýetine girizmek. 1992 ýylyň dekabr aýynyň 31-ne içki bazarynyň goýlan meseleleri çözülýär, integrasiýanyň ösüşini EEC aldy. Sanaldy, şeýle bazaryň döremegi bilen, 320 mln. adamy umumy hasap boýunça 12 döwletde hyzmat ediler. Angliýa, Belgiýa, Daniýa, Italiýa, Isapniýa, Irlandiýa, Niderlandy, Portugaliýa, Fransiýa we FRG), 10-20% hyzmatlaryň bahasyny azaldar, milli önümiň ýylda 5% köpeltmek, 2-5 mln. adamy işsizligi funksionirlemek, ykdysadyýetiň düzgün serişdesine getirer. 170-250 milliard Ýewropa puly. 1972 ýylda elektrotehnika komitetleri Awstriýa, Belgiýa, Beýik Britaniýa, Daniýa, FRG, Şwesariýa, Şwesiýa, Finlýandiýa, Portugaliýa, Italiýa

## Türkmenistanyň çäginde döwletara standartyň güýje girizilişi we ulanyşdan aýrylyşy

Türkmenistanyň çäginde döwletara standartyň güýje girizilişi, Standartlaşdyryş, metrologiýa we sertifikatlaşdyryş boýunça Döwletara maslahaty

(mundan beýläk-Döwletara maslahaty) tarapyndan hasaba alandan soň we köpeltmäge ýaramly standartyň nusgasyny alandan soň, “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugytarapyndan buýruk bilen kabul edilýär.

Ýurdumyzdadöwletara standarty neşir edilende sözbaşynda (baş sahypalaryň ikinji sahypasy) döwletara standartynyň Türkmenistanyň çäginde haýsy resminama bilen girizilýänligi we onuň herekete girizilýän senesi görkezilýär.

Türkmenistanda ozal kabul edilmedik döwletara standartyna goşulmak, ministrlikleriň (pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň), standartlaşdyryş boýunça esasy guramalaryň, tehniki komitetleriň, taýýarlaýjy-kärhanalaryň teklipleri esasynda TDS-1.2 döwletara standartyna laýyklykda “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň çäginde döwletara standartyň hereketi “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugynyň buýrugy bilen şu ýagdaýlarda ýatyrylýar:

- Döwletara maslahatytarapyndan ýatyrylanda;

-Türkmenistanyň standarty herekete girizilende. “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy bu barada Döwletara maslahatynyň Standartlar býurosyna we gatnaşyjy-döwletleriň standartlaşdyryş boýunça milli edaralaryna habarnama ugradýar.

Bellik-Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda, Türkmenistanyň çäklerinde meňzeş milli standart işlenip düzülýänçä, hereketi ýatyrylan döwletara standarty ulanmaga rugsat berilýär. Türkmenistanyň çäginde kabul edilen standartlar we olara üýtgetmeler barada, şeýle-de döwletara standartyň ulanylyşy ýatyrylanlygy barada maglumatlar kadalaşdyryjy resminamalaryň görkezijisinde çap edilýär.

## Halkara standartlaryny işläp düzülişiniň tehnologiýasy

Dünýäde halkara standartlaşdyrmak tehniki we ykdysady özgertmeleriň wajyp faktory diýip hasaplanylýar. Sebäbi onuň üsti bilen söwdanyň, sarp edijileriň höweslerininň talaplary baglaşdyrylyp we kadalaşdyrylyp bolýar. Halkara standartlaşdyrmak bilen dürli ýurtlar gyzyklanýarlar-industrial we ykdysady taýdan ösen hem-de öz milli ykdysadyýetini ýaňy döredýän ýurtlaram. Türkmenistanyň „Türkmenstandartlary“ BDG ýurdumyzyň standartlaşdyrmak boyunça milli guramasy hökmünde birnäçe öňdebaryjy halkara guramalary standartlaşdyrmak, metrologiýa we hil laýyklygyny ykrar etmeklik işine bellenilen çäginde gatnaşýar. Bu guramanyň esasy maksady-dünýä derejesinde standartlaşdyrmak boýunça özgertmelere goldaw bermek, halkara haryt çalyşmasyny, bähbitli aragatnaşyklary, intellektual,tehniki we ykdysady ýollary giňeltmek. ISO-nyň agzalarynyň iki derejesi kesgitlenilýär:

- **Komitet agzalary**
- **Habarçy agzalary**

ISO-nyň gurluş düzümi:

- Baş ýolbaşçy organy:
  - Baş Assambleýa
- Ýolbaşçy organlary:
  - Geňeş
  - Ýerine ýetiriji býuro
  - Tehniki býuro
  - Geňeşiň tehniki komiteti
  - Merkezi sekretariaty

Baş wezipeler:

- **Prezident**
- **Wise-prezident**
- **Gaznaçy**
- **Baş kätip (sekretar)**

Halkara standartlary hökmany standartlar hökmünde bolman, olar hödürnama hökmünde ýaýradylýarlar. Herbir ýurt öz ýerli şertlerine laýyklykda doly (göni) bölekleýin ulanyp bilýär ýa-da hiç ulanmasada bolýar. Emma önüm öndürijiler öndürýän önümleriniň bäsleşige ukyplylygyny daşky bazarlarda ýokara galdyrmak üçin Halkara ssandartlary, standartlaşdyrmak boýunça guramalar, tehniki komitetler, işçi toparlar, komitet -agzalary, habarçy- agzalary, işeňňir- agzalar, gözegçilik-agzalar. Halkara standartlary (ISO-nyň we başga halkara guramalarynyň standartlaryny) ulanylmaga hukuk berýär.

Halkara standartlaşdyrylmaýň tejribesinde bir görnüşli önüme degişli standartlar işläp düzülende önümiň hil synagynyň usullaryny ulanylmagyna uly üns berilýär. Halkara standartlarynyň işläp düzülşiniň tehnologiýasy aşakdaky tapgyrlardan ybarat:

**1.** TK iş maksatnamasynda halkara standartlarynyň işläp düzülmegini goşulmagy barada teklibe seredilmek. Hemme teklipler TK sekretariat tarapyndan hemme agza komitetlerine ibermek, standart taslamalarynyň işläp düzülişiniň maksada laýyklygyny, gerekligini barlamak. Položitel netije kabul edilen ýagdaýda resminamanyň (standartyň) işçi taslamasy düzülip başlanýar.

**2.** Köp ýagdaýlarda resminamalaryň işçi taslamalary ýörite döredilen işçi toparlar bilen işläp düzülýär (bellenilen ugur boýunça gyzyklanýan ýurtlaryň öňdebaryjy hünärmenleri işçi topara çagyrylýar). Işçi taslamalar TK seretemegine (gözegçiligine) hödürlenýär. Köp ýagdaýda bu taslamalar hökmünde ýurtlaryň milli standartlary ulanylýar.

**3.** Teklip taslamasy guramanyň işeňňir agzalaryna synaga berilýär we syn teklipleri ýygnalandan soň halkara ýygnagy çagyrylýar we ýygnakda standart-taslamanyň 1.2,3-nji redaksiyalary taýýarlanylýar.

**4.** Umumy ylalaşyk we goldaw tapan standart-taslamalar ISO-nyň merkezi sekretariatyna halkara standart- taslamasyhökmünde hasaba iberilýär.

**5.** Işeňňir agzalaryň umumy sanyndan 3-den 2-bölegi položitel ses beren ýagdaýynda halkara standart- taslamasy goldaw tapdy diýip hasaplanylýar.

**6.** Halkara standartlaryň neşir edilmegi ISO-nyň merkezi sekretariaty tarapyndan iňlis we fransuz dillerinde çap edilýär.

Halkara standartlarynyň işläp düzüliş tehnologiýasy dowamly proses bolan soň soňky wagtda aýratyn ýurtlaryň progressiw milli standartlaryny halkara standartlary hökmünde kabul edip bolýar diýen teklibe seredilýär.

## Standartlaşdyrmak we önümiň hili boýunça halkara guramalar

| | Guramanyň ady | Maksady |
|---|---|---|
| 1. | Standartlaşdyrmak boýunça halkara guramasy (ISO) | Dünýä möçberinde standartlaşdyrmak özgertmelerinde ylym, tehnika we ykdysadyýet ugurlarynda iş çalyşmany giňeltmek |
| 2. | Halkara elektrotehnika kommissiýasy (MEK/HEK) | Elektrotehnika, elektronika, radioaragatnaşyk ugurlarynda standartlaşdyrmak işleri boýunça iş çalyşma ýardam etmek |
| 3. | Ölçegler we agramlyklar boýunça halkara guramasy (MOMB/ÖAHG) | Dünýä möçberinde ölçegleriň metriki ulgamyny ýaýratmak, metryň, killogramyň we başga ölçegler birlikleriniň etalonlaryny saklamak, derňemek we kämilleşdirmek |
| 4. | Hile gözegçilik boýunça Ýewropa guramasy (EOKK/HGEK) | Hil meseleleri boýunça konferensiýalary, simpoziumlary we seminarlary gurnamak |
| 5. | Synag tejribehanalarynyň akkreditasiýasy boýunça halkara konferensiýasy (ИЛАК/STAK) | Standartizasiýa ugrundaky halkara şertnamalar synag tejribehanalaryň akkreditasiýasy boýunça milli ulgamlary baradamaglumatlary umumylaşdyrmak |
| 6. | Standartlaşdyrmak boýunça Ýewropa komiteti (CEH/SEK) | Ýewropa döwletleri bilen söwda alyş çalyş işleri standartlaryň sazlaşdyrmak üsti bilen özgertme işlerine ýardam bermek |
| 7. | Standartlaşdyrmak we elektrotehnika boýunça Ýewropa komiteti (CEH ЭЛЕК/SEN ELEK) | Ýewropa dwletleri bilen elektrotehnika boýunçastandartlar komplekslerini işläp düzmek we harytlaryň, hyzmatlaryň erkin söwdasy üçin bir bütewi söwda bazary üpjün etmek |

A goşundy
(hökmany)

**Tehniki tabşyrygyň birinji sahypasynyň görnüşi**

TASSYKLAÝARYN

_________________________
wezipesi, buýrujy
guramanyň ady

__________ ____________
şahsy A.A.Familiýasy

**Türkmenistanyň döwlet standartyny işläp düzmäge**
**TEHNIKI TABŞYRYK**

_______________________________________________
standartyň ady

Ýerine ýetiriji ________________________________________________
işläp düzüji guramanyň ady

Goşmaça ýerine ______________________________________________
Ýetirijiler goşmaça ýerine ýetiriji guramalaryň atlary

## Hil menejment ulgamy

Gurama üstünlikli ýolbaşçylyk etmek we dolandyrmak yzygiderli we açyk menejmenti talap edýär. Üstünligi gazanmak üçin gyzyklanýan taraplaryň isleglerini hasaba almak bilen guramanyň netijeliligini we täsirliligini hemişe gowulandyrmak üçin işlenip düzülen hil ulgamyny ornaşdyrmaly we iş ýagdaýynda saklamaly. Guramanyň menejmenti beýleki aspektler bilen bilelikde hil menejmentini hem öz içine alýar.

Ýokary ýolbaşça:

a) açyk düşünilip, menejmente sezewar edilip we netijelilik we täsirlilik nuktaýnazardan gowulandyrylyp bilinjek ulgamlary we prosesleri kesgitlemek;

b) prosesleri netijeli we täsirli ýerine ýetirmegi we dolandyrmagy, şeýle hem guramanyň kanagatlanarly işini kesgitlemek üçin görkezijileri we maglumatlary üpjün etmek arkaly sarp edijini nazarlaýan guramany döretmek gerek.

Sarp edijini nazarlaýan guramany döretmek boýunça işiň mysallary aşakdakylardyr:

-guramanyň işini gowulandyrmaga alyp barýan prosesleri kesgitlemek we kämilleşdirmek;

-prosesler hakynda maglumatlary we informasiýany hemişelik esasda ýygnamak we peýdalanmak;

-hemişe  gowulandyrmak ugurda ösmek;

-prosesleriň gowulanmagyna baha bermek üçin öz-özüňe baha bermek we ýolbaşçy tarapyndan derňew ýaly amatly usullary peýdalanmak.

Öz-özüňe baha bermegiň we hemişe gowulandyrmak prosesleriniň mysallary degişlilikde A we B goşundylarda getirilendir.

Resminamalar

Guramanyň ýolbaşçysy hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmek, ornaşdyrmak we iş ýagdaýynda saklamak we prosesleriň netijeli we täsirli ýerine ýetirilmegini goldamak üçin, degişli ýazgylary goşmak bilen, resminamalary kesgitlemeli.

Resminamalananlygynyň häsiýeti we derejesi şertnamanyň, kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplary, sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny ödemelidirler, şeýle hem guramany kanagatlandyrmalydyrlar.

Resminamalar guramanyň zerurlyklaryna esaslanyp, islendik görnüşde ýa-da islendik göterijide bolup bilerler.

Sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny ödeýän resminamalar bilen üpjün etmek maksady bilen ýolbaşça:

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň şertnama talaplaryny;

-gurama tarapyndan halkara, milli, sebit we pudak standartlaryny peýdalanmagy;

-degişli kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplary;

-guramanyň çözgütlerini;

-guramanyň mümkinçiliklerine degişli daşarky maglumatyň çeşmelerini;

-gyzyklanýan taraplaryň islegleri we tamalary hakynda maglumaty göz öňünde tutmak gerek.

Resminamalary işläp düzmäge, peýdalanmaga we dolandyrmaga guramanyň netijeliligini we täsirliligini hasaba almak bilen baha bermeli, aşakdakylar ýaly ölçütleriň esasynda:

-funksionallyk (meselem, işläp taýýarlamagyň tizligi);

-peýdalanylanda ýönekeýlik;

-serişdelere zerurlyk;

-syýasat we maksatlar;

-bilimleriň menejmentine degişli häzirki we geljekki talaplar;

-resminamalaryň iň gowy ulgamlary bilen deňeşdirmek;

-sarp edijileriň, üpjün edijileriň we guramanyň beýleki gyzyklanýan taraplarynyň özara täsiri.

Resminamalara elýeterlik guramada maglumat çalyşmak syýasatyna esaslanyp guramanyň işgärlerine we beýleki gyzyklanýan talaplara berilýär.

Hil menejmentiniň ýörelgelerini peýdalanmak

Gurama üstünlikli ýolbaşçylyk etmek we onuň hereket etmegi üçin menejmenti yzygiderli we açyk amala aşyrmak gerek. Guramanyň ýolbaşçysyna şu standartda teklip edilýän maslahatlar hil menejmentiniň sekiz ýörelgelerine esaslanýarlar.

Bu ýörelgeler guramanyň işini gowulandyrmak maksady bilen ýokary ýolbaşçy tarapyndan ulanmak üçin işlenip düzüldiler. Olar şu standartyň mazmunyna girizilendirler we aşakda getirilendirler:

a) Sarp edijini nazarlamak

Guramalar öz sarp edijilerine garaşlydyrlar we şonuň üçin olaryň häzirki we geljekki isleglerine düşünmelidirler, olaryň talaplaryny ýerine ýetirmelidirler we olaryň tamalaryndan üstün çykmaga ymtylmalydyrlar.

b) Ýolbaşçynyň baştutanlygy

Ýolbaşçylar guramanyň maksadynyň we işiniň ugrunyň bütewiligini üpjün edýärler. Olar guramanyň wezipelerini çözmäge işgärleriň doly çekilip bilinjek içerki sredany döretmeli we saklamaly.

ç) Işgärleri çekmek

Ähli derejeleriň işgärleri guramanyň esasyny düzýärler we olaryň doly çekilmegi gurama olaryň ukyplaryny bähbitli peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

d) Prosesleýin çemeleşmek

Işlenýän netije haçan iş we degişli serişdeler proses hökmünde dolandyrylanda netijeli gazanylýar.

e) Menejmente ulgamlaýyn çemeleşmek

Ýüze çykarmak, düşünmek we özara baglanyşykly prosesleriň menejmenti ulgamlar hökmünde guramanyň netijeliligine we täsirliligine onuň maksatlary gazanylanda goşant goşýar.

ä) Hemişe gowulandyrmak

Guramanyň işini bütinligine hemişe gowulandyrmagy onuň üýtgewsiz maksady hökmünde seretmeli.

f) Faktlara esaslanan çözgütleri kabul etmek

Netijeli çözgütler maglumatlaryň we informasiýanyň derňewine esaslanýarlar.

g) Üpjün edijiler bilen özara peýdaly gatnaşyklar

Gurama we onuň üpjün edijileri özara baglydyrlar we özara peýdaly gatnaşyklar iki tarapynyň hem gymmat döretmek ukyplylygyny ýokarlandyrýarlar.

Gurama tarapyndan menejmentiň sekiz ýörelgeleriniň üstünlikli peýdalanylmagy netijede gyzyklanýan taraplar üçin pul aýlawynyň ulalmagy, gymmat döretmek we durumlylygy ýokarlandyrmak ýaly peýdalara getirýär.

Ýokary ýolbaşçynyň baştutanlygy, onuň borçlary we işeňňir gatnaşmagy ähli gyzyklanýan taraplar üçin peýdany gazanmak maksady bilen netijeli we täsirli hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmekde we iş ýagdaýynda saklamakda aýgytlaýjydyr. Olary sarp edijileriň kanagatlananlygyny ýüze çykaryp, goldap we ýokarlandyryp gazanmak bolar. Ýokary ýolbaşçynyň öňünde aşakdakylar ýaly çärelere seretmek wezipesi durýar:

-guramanyň maksadyna laýyk maglumaty, syýasaty we strategiki maksatlary işläp düzmek;

-öz hususy mysalynda işgärleriň ynamyny üpjün edýän dolandyryş stilini görkezmek;

-guramanyň işiniň ugruny, hil we hil menejmentiniň ulgamy bilen baglanyşykly gymmatlyklary işgärleriň dykgatyna ýetirmek;

-gowulandyrmak boýunça taslamalara gatnaşmak, täze usullary, çözgütleri gözlemek we täze önümi işläp taýýarlamak;

-hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligi we täsirliligi boýunça gös-göni yzyna aragatnaşygy almak;

-guramanyň bähbitlerine gymmatlyk goşýan önümiň durmuş döwrüniň proseslerini kesgitlemek;

-önümiň durmuş döwrüniň prosesleriniň netijeliligine we täsirliligine täsir edýän goşmaça prosesleri kesgitlemek;

-işgärleri çekmäge we ösmäge ýardam edýän sredany döretmek;

-guramanyň strategiki meýilnamalaryny goldamak üçin zerur guramaçylyk gurluş we serişdeler bilen üpjün etmek.

Ýokary ýolbaşçy şeýle hem meýilnamalaşdyrylan maksatlaryň gazanylandygyny kesgitlemek üçin, aşakdakylary öz içine alýan, guramanyň işini ölçemegiň usullaryny kesgitlemelidir:

-maliýe görkezijileri ölçemegi;

-bütin guramada prosesleriň ýerine ýetirilişiniň görkezijilerini ölçemegi;

-iň gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmek we üçünji tarap tarapyndan baha bermek ýaly daşarky ölçemeleri;

-sarp edijileriň, guramanyň işgärleriniň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyna baha bermegi;

-sarp edijiler we beýleki gyzyklanýan taraplar tarapyndan iberilen önümiň häsiýetnamalarynyň kabul edilişine baha bermegi;

-guramanyň ýolbaşçysy tarapyndan kesgitlenen üstünligiň beýleki görkezijilerini ölçemegi.

Şeýle ölçemeleriň we baha bermeleriň netijesinde alnan maglumaty hil menejmentiniň ulgamyny hemişe gowulandyrmagyň guramanyň işini

kämilleşdirmegiň hereketlendiriji güýji bolýandygyna göz ýetirmek üçin ýolbaşçy tarapyndan derňew üçin giriş maglumatlary hökmünde seretmek maslahat berilýär.

Hil menejmentiniň ulgamy işlenip düzülende, ornaşdyrylanda we dolandyrylanda ýokary ýolbaşça beýan edilen hil menejmentiniň ýörelgelerine eýermek gerek.

Şol ýörelgeleriň esasynda, ýokary ýolbaşça aşakdakylar babatda baştutanlygyny we borçlaryny tassyklamaly:

-sarp edijileriň talaplary doldurýan häzirki we geljekki isleglerine we tamalaryna düşünmek;

-guramanyň işgärleriniň düşünmegini, motiwasiýasyny we çekilmegini ýokarlandyrmak üçin syýasaty we maksatlary düşündirmek;

-guramada ýerine ýetirilýän ähli prosesleri hemişe gowulandyrmagyň maksadyny goýmak;

-guramanyň geljegini we üýtgetmeleriň menejmentini meýilnamalaşdyrmak;

-gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny gazanmak boýunça işiň esaslaryny bellemek we işgärleriň dykgatyna ýetirmek.

Ýokary ýolbaşça kem-kemden ýa-da dowam edýän hemişe gowulandyrmaga goşmaça şeýle hem prosesleriň üýtgemegine alyp barýan öňe gitmeleriň taslamalaryna guramanyň işini gowulandyrmak usul hökmünde seretmek gerekdir. Şeýle üýtgetmeleriň barşynda ýolbaşçy hil menejmentiniň ulgamyny goldamak üçin zerur serişdeler we maglumat alyşmalar bilen üpjün etmek boýunça hereketleri görmeli.

Ýokary ýolbaşça önümiň durmuş döwrüniň proseslerini kesgitlemek gerek, sebäbi guramanyň üstünligi olara gös-göni bagly bolýar. Ýokary ýolbaşçy şeýle hem ýa durmuş döwrüniň prosesleriniň netijeliligine we täsirliligine, ýa-da gyzyklanýan taraplaryň talaplaryna we tamalaryna täsir edýän kömekçi prosesleri kesgitlemelidir.

Ýolbaşça prosesleriň netijeli we täsirli ulgam hökmünde hereket edýändigine göz ýetirmek gerekdir. Ýolbaşçy hem önümiň durmuş döwrüniň proseslerine, şeýle hem kömekçi proseslere seredip, şu prosesleriň özara täsirini derňemelidir we optimallaşdyrmalydyr.

Aşakdakylara üns bermek gerek:

-islenýän netijelere täsirli ýetmek üçin yzygiderli we özara täsirli prosesleri taslamaga;

-prosesleriň girişlerini, olary amala aşyrmagy we çykyşlary aýdyň kesgitlemäge we dolandyrmaga;

-aýratyn prosesleriň özara baglanyşygynyň we olaryň netijeli we täsirli ýerine ýetirilýändiginiň werifikasiýasy üçin girişleriň we çykyşlaryň monitoringine;

-töwekgelçilikleri kesgitlemäge we menejmentine, şeýle hem işi gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri peýdalanmaga;

-prosesleriň hemişe gowulanmagyna ýardam edýän maglumatlaryň derňewini geçirmäge;

-prosesleriň ýolbaşçylaryny bellemäge we olara doly jogapkärçiligi we ygtyýarlyklary bermäge;

-her prosesiň bu prosesiň maksatlaryna ýetmek üçin menejmentine;

-gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna

Gyzyklanýan taraplaryň islegleri we tamalary

Umumy düzgünler. Her guramanyň onuň işine gyzyklanýan taraplary, olaryň her biriniň öz islegleri we tamalary bardyr.

Guramalaryň gyzyklanýan talaplary:

-sarp edijileri we ahyrky peýdalanyjylary;

-guramanyň işgärleri;

-eýeleri maýa goýujylary (paýdarlar, aýratyn adamlar ýa-da toparlar, guramada anyk bähbidi bolan jemgyýetçilik sektory goşmak bilen, ýalylar);

-üpjün edijileri we hyzmatdaşlary;

-guramanyň ýa-da onuň önüminiň täsir edýän, dürli birleşikleriň we döwlet gurluşlarynyň görnüşinde jemgyýeti öz içine alýarlar.

Islegler we tamalar

Guramanyň üstünligi bar bolan we bolup biljek sarp edijileriň we ahyrky peýdalanyjylaryň häzirki we geljekki isleglerine we tamalaryna düşünilmegine we kanagatlandyrylmagyna, şeýle hem beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna düşünilmegine we hasaba alynmagyna baglydyr.

Gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna düşünmek we kanagatlandyrmak üçin gurama:

-öz gyzyklanýan taraplaryny kesgitlemek we olaryň isleglerine we tamalaryna barabar jogap bermek ukyplylygyny saklamak;

-kesgitli islegleri we tamalary talaplara öwürmek;

-talaplary guramanyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmek;

-gyzyklanýan taraplara gymmatlyklary üpjün etmek maksady bilen prosesleri gowulandyrmaga jemlenmek gerek.

Sarp edijileriň we ahyrky peýdalanyjylaryň isleglerini we tamalaryny ödemek üçin guramanyň ýolbaşçysy:

-öz sarp edijileriniň, şol sanda bolmagy mümkin sarp edijileriniň, isleglerine we tamalaryna düşünmeli;

-sarp edijiler we ahyrky peýdalanyjylar üçin niýetlenen önümiň esasy häsiýetnamalaryny kesgitlemeli;

-öz bazarynda bäsdeşlik ýagdaýy kesgitlemeli we baha bermeli;

-bazaryň mümkinçiligini, bäsleşikde gowşak taraplaryny we geljekdäki artykmaçlyklaryny kesgitlemeli.

Sarp edijileriň we ahyrky peýdalanyjylaryň guramanyň önüminden islegleriniň we tamalarynyň mysallary:

-talaplara laýyklyk;

-ygtybarlylyk;

-barlyk;

-ibermek;

-önümiň durmuş döwri gutarandan soň işi;

-durmuş döwrüniň bahasy we gymmaty;

-önümiň howpsuzlygy;

-önümiň hili üçin jogapkärçilik;

-töwerekdäki sreda täsir.

Gurama öz işgärleriniň olaryň işini, iş bilen kanagatlananlygyny, şeýle hem ösüşini ykrar etmekde isleglerini we tamalaryny kesgitlemeli. Şeýle üns işgärleriň doly çekilmegini we has güýçli motiwasiýasyny üpjün etmäge kömek berýär.

Gurama eýeleriň we maýa goýujylaryň bellenen isleglerine we tamalaryna maliýe we beýleki netijeleri kesgitlemeli.

Ýolbaşça gurama üçin üpjün edijiler bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmakdan iki tarap üçin hem gymmatlyklary döretmek maksady bilen bolmagy mümkin peýdalary hasaba almak gerek. Hyzmatdaşlygy bilelikdäki strategiýanyň, bilimleri alyşmagyň, şeýle hem girdejileriň we zyýanlaryň bölünmegi esasynda esaslandyrmaly.

Hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bellenende gurama:

-esasy üpjün edijileri we bolmagy mümkin hyzmatdaşlar hökmünde beýleki guramalary kesgitlemeli;

-sarp edijileriň isleglerine we tamalaryna aýdyň düşünmäge bilelikde ýetmeli;

-hyzmatdaşlaryň isleglerine we tamalaryna aýdyň düşünmäge bilelikde ýetmeli;

-hemişelik hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini üpjün edýän maksatlary goýmaly.

Gurama jemgyýet bilen öz gatnaşyklaryna seredende:

-saglyk we howpsuzlyk ugurda öz jogapkärçiligini görkezmeli;

-energiýany we tebigy serişdeleri saklamagy goşmak bilen töwerekdäki sreda täsiri hasaba almaly;

-ulanarlykly kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplary barabarlaşdyrmaly;

-öz işiniň, proseleriniň we önüminiň jemgyýete bütinlikde we hususan ýerli jemgyýete häzirki we bolmagy mümkin täsirini barabarlaşdyrmaly.

Hil menejmentiniň ulgamynyň ulanylýan ugurlary. Umumy düzgünler

Şu standart haçan gurama:

a) sarp edijileriň talaplaryny we degişli hökmany talaplary kanagatlandyrýan önümi ibermäge öz ukyplylygyny görkezmek gerek;

b) sarp edijileriň kanagatlananlygyny ulgamy, ony hemişe gowulandyrmak proseslerini we sarp edijileriň talaplaryna we hökmany talaplara laýyklygy üpjün etmegi goşmak bilen, netijeli ulanmak arkaly ýokarlandyrmagy öz maksady edip goýýan ýagdaýlarynda hil menejmentiniň ulgamyna talaplary belleýär.

Bellik – Şu standartda «önüm» adalgasy diňe sarp ediji üçin niýetlenýän ýa-da ol tarapyndan talap edilen önüme ulanarlykdyr.

Ulanmak

Şu standartyň talaplary görnüşine, möçberine we iberilýän önümine garamazdan ähli guramalar üçin niýetlenendir.

Şu standartyň haýsy hem bolsa talabyny (laryny) guramanyň we onuň önüminiň spesifikasiýasy sebäpli ulanmak mümkin bolmasa ony aradan aýyrmaga ýol berilýär.

Eger şu aradan aýyrmalar 7-nji bölümde getirilen talaplara düşýän bolsa we guramanyň sarp edijileriň talaplaryny we degişli hökmany talaplary kanagatlandyrýan önüm bilen üpjün etmek ukyplylygyna we jogapkärçiligine täsir etmeýän bolsa, edilen aradan aýyrmalarda şu standarta laýyklyk hakynda beýannama ulanarlykdyr.

Kadalaşdyryjy salgylanmalar

Şu standartda aşakdaky standartlara salgylanmalar ulanyldy:

TDS ИСО 9000-2002 Hil menejmentiniň ulgamlary. Esasy düzgünler we sözlük

TDS ИСО 9001-98 Hil sistemalary. Proýektirlenende, işläp düzülende, öndürilende, montažda we hyzmat edilende hiliň üpjün edilişiniň modeli.

TDS ИСО 9004-2002 Hil menejmentiniň ulgamlary. Işi gowulandyrmak boýunça maslahatlar.

TDS ИСО 14001-2002 Töwerekdäki sredany dolandyrmagyň ulgamlary. Talaplar we ulanmak boýunça gollanma.

Şu standartda TDS ИСО 9000 berlen adalgalary we kesgitlemeleri ulanýarlar.

TDS ИСО 9001 şu neşirinde üpjün etmegiň hataryny beýan etmek üçin peýdalanylýan, aşakda getirilen adalgalar, adalgalaryň häzirki wagt ulanylýan sözlügini görkezmek üçin üýtgedilendir.

üpjün ediji ⟶ gurama ⟶ sarp ediji

«Gurama» adalgasy TDS ИСО 9001-96 peýdalanylýan «Üpjün ediji» adalgany çalşyrýar we şu standart ulanylýan obýekte degişlidir. Ondan başga-da, «Üpjün ediji» adalga «Kömekçi potratçy» adalgany çalşyrmaýar.

Şu standartyň tekstinde «Önüm» adalga şeýle hem «Hyzmaty» aňladyp biler.

Bellik – Aşakda TDS ИСО 9000 bolan, türkmen dilinde ekwiwalentleri bolmadyk iki adalga getirilendir.

Werifikasiýa – Obýektiw subutnamalaryň esasynda bellenen talaplaryň ýerine ýetirilendigini tassyklamak (TDS ИСО 9000)..

Walidasiýa – Obýektiw subutnamalaryň esasynda anyk peýdalanmak ýa-da ulanmak üçin niýetlenen talaplaryň ýerine ýetirilendigini tassyklamak (TDS ИСО 9000).

Hil menejmentiniň ulgamy. Umumy talaplar

Gurama şu standartyň talaplaryna laýyklykda hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmelidir, resminamalaşdyrmalydyr, ornaşdyrmalydyr, iş ýagdaýynda saklamalydyr, onuň netijeliligini hemişe gowulandyrmalydyr.

Gurama:

a) hil menejmentiniň ulgamy üçin gerek prosesleri we olary bütin guramada ulanmagy kesgitlemelidir;

b) şu prosesleriň yzygiderligini we özara täsirini kesgitlemelidir;

ç) şu prosesler hem amala aşyrylanda, şeýle hem dolandyrylanda netijeliligi üpjün etmek üçin zerur ölçütleri we usullary kesgitlemelidir;

d) şu prosesleri we olaryň monitoringini saklamak üçin zerur serişdeleriň we maglumatyň bolmagyny üpjün etmekligi;

e) şu prosesleriň monitoringini, ölçeýişini we derňewini amala aşyrmalydyr;

ä) meýilnamalaşdyrylan netijeleri gazanmak we şu prosesleri hemişe gowulandyrmak üçin zerur çäreleri görmelidir.

Gurama şu standartyň talaplaryna laýyklykda şu prosesleriň menejmentini amala aşyrmalydyr.

Eger gurama önümiň talaplara laýyklygyna täsir edýän haýsy hem bolsa bir prosesiň ýerine ýetirilmegini del guramalara bermegi çözse, onda onuň özi şeýle prosese gözegçiligi üpjün etmelidir.

Bellik – Hil menejmentiniň ulgamy üçin zerur proseslere ýolbaşçynyň dolandyryş, serişdeler bilen üpjün etmek proseslerini, önümiň durmuş döwrüniň we ölçeýişleriň proseslerini girizilmelidir.

Resminamalara talaplar

## Hili dolandyryş ulgamynyň resminamalary

Ýokary hilli önümleri sarp ediji tarapdan sarp etmäge höweslendirmek öndürijiler üçin şertleriniň biri bolup durýar we öňde baryjy ýurtlaryň ykdysady bazarlaryny ýokary hilli harytlar bilen doly üpjün etmek hil ulgamyň döredilmegineň gerekliliginiň sebäbi boldy.

Dünýä bazary her gün has ýokary hilli hrytlar bilen doldyrmagyny talap edýärdi.

Ilatyň hal ýagdaýynyň gowulanmagy gymmat bahaly we ýokary hilli harytlary satyn almagyna ukyplylygy bu harytlary bilen ykdysady bazarlarda ýerleşdirmegini üpjün edýär.

Önümçilikde Hil ulgamyň döredilmegi we onuň hereket etmegi öndürijilere ýeke dünýä ykdysady bazarynda öz ýerinde saklamakdan başga konwertlerden bu ýerleri almak – pes hilli önümlere sarp edijileriň bu harytlara höwesini peseltmek bilen

Hil ulgamy boş ýerde döredilenok sebäbi ol ýokary hilli önümleriň önümçiliginiň özgertmesiniň yzygiderl has ýokary tapgyry boldy.

Hil menejmentiniň ulgamynyň resminamalary:

a) Hil ugurda syýasat we maksatlar hakynda resminamalaşdyrylan beýany;

b) hil boýunça gollanmany;

ç) şu standart tarapyndan talap edilýän resminamalaşdyrylan kadalary;

d) gurama netijeli meýilnamalaşdyrmagy, prosesleri amala aşyrmagy we olary dolandyrmagy üpjün etmek üçin gerek resminamalary;

e) şu standart tarapyndan talap edilýän ýazgylary öz içine almalydyr (4.2.4).

Şu standartda «Resminamalaşdyrylan kada» adalga gabat gelýän ýerde, bu kadanyň işlenip düzülendigini, resminamalaşdyrylandygyny, ornaşdyrylandygyny we iş ýagdaýynda saklanýandygyny aňladýar.

Bir guramanyň hil menejmentiniň ulgamynyň resminamalaşlananlyk derejesi beýlekiden tapawutlanyp biler, aşakdakylara baglylykda:

a) guramanyň möçberine we işiň görnüşine;

b) prosesleriň çylşyrymlylygyna we özara täsirine;

ç) işgärleriň başarjaňlygyna.

Resminamalar islendik görnüşde we islendik göterijide bolup bilerler.

Hil boýunça gollanma

Gurama aşakdakylary saklaýan hil boýunça gollanmany işläp düzmelidir we iş ýagdaýynda saklamalydyr:

a) jikme-jikligi we islendik aradan aýyrmalary esaslandyrmagy goşmak bilen hil menejmentiniň ulgamyny ulanmagyň ugruny (1.2);

b) hil menejmentiniň ulgamy üçin işlenip düzülen resminamalaşdyrylan kadalary ýa-da olara salgylanmalary;

ç) hil menejmentiniň ulgamynyň proseslериniň özara täsirleriniň beýanyny

Resminamalary dolandyrmak.Hil menejmentiniň ulgamynyň resminamalaryny dolandyrmak gerek. Ýazgylar – resminamalaryň ýörite görnüşi we olary getirilen talaplara laýyklykda dolandyrmak gerek.

Dolandyrmagyň gerek serişdelerini kesgitlemek üçin aşakdakylary göz öňünde tutýan resminamalaşdyrylan kada işlenip düzülen bolmalydyr:

a) goýberilmezinden öň resminamalary meňzeşlige barlamagy;

b) resminamalaryň zerurlyga görä derňewini, aktuallaşdyrylmagyny we gaýtadan tassyklanylmagyny;

ç) üýtgetmeleriň barabarlaşdyrylmagyny we resminamalara gaýtadan seretmegiň durumyny üpjün etmegi;

d) resminamalaryň degişli wersiýalarynyň olaryň ulanylýan ýerlerinde bolmagyny üpjün etmegi;

e) resminamalaryň aýdyň saklanmagyny we ýeňil barabarlaşdyrylýandygyny üpjün etmegi;

ä) daşarky gelip çykyşly resminamalaryň barabarlaşdyrylmagyny we olaryň iberilmeginiň dolandyrylmagyny üpjün etmegi;

f) könelen resminamalary tötänden peýdalanmagyň öňüni almagy we haýsy hem bolsa bir maksatlar üçin galdyrylan şeýle resminamalaryň degişli barabarlaşdyrylmagynyň ulanylmagy. Ýazgylary dolandyrmak.

Hil menejmentiniň ulgamynyň talaplara laýyklygyna we hereket etmeginiň netijeliligine subutnamalar bermek üçin ýazgylar alnyp barylmalydyrlar we iş ýagdaýynda saklanmalydyrlar. Olar aýdyň, ýeňil barabarlaşdyrylýan we dikeldilýän bolup galmalydyrlar. Barabarlaşdyrylanda, saklananda, goralanda, dikeldilende, ýazgylary saklamagyň we aýyrmagyň möhletleri kesgitlenende talap edilýän dolandyryş serişdelerini kesgitlemek üçin resminamalaşdyrylan kadany işläp düzmek gerek.

Ýokary ýolbaşçy hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak, şeýle hem onuň netijeliligini aşakdakylar arkaly hemişe gowulandyrmak boýunça borçnamalaryň kabul edilendiginiň subutnamasynyň bolmagyny üpjün etmelidir:

a) sarp edijileriň talaplarynyň, şeýle hem kanun çykaryjy we hökmany talaplaryň ýerine ýetirilmeginiň möhümdigini guramanyň dykgatyna ýetirmek;

b) hil ugurda syýasaty işläp düzmek;

ç) hil ugurda maksatlary işläp düzmegi üpjün etmek;

d) ýolbaşçy tarapyndan derňewi geçirmek;

e) zerur serişdeler bilen üpjün etmek. Sarp edijini nazarlamak

Ýokary ýolbaşçy olaryň kanagatlananlygyny ýokarlandyrmak üçin sarp edijileriň talaplaryny kesgitlemegi we ýerine ýetirmegi üpjün etmelidir

Hil ugurda syýasat

Ýokary ýolbaşçy hil ugurda syýasatyň:

a) guramanyň maksadyna laýyk bolmagyny;

b) talaplara laýyk bolar ýaly borçlary we hil menejmentiniň ulgamlarynyň netijeliligini hemişe ýokarlandyrmagy öz içine almagyny;

ç) hil ugurda maksatlary goýmak we derňemek üçin esasy döretmegi;

d) guramanyň işgärleriniň dykgatyna ýetirmegi we oňa düşünmegi;

e) hemişe ýaramlylyga derňemegi üpjün etmelidir.

Guramanyň ýokary ýolbaşçysy hil ugurda maksatlaryň, önüme talaplary ýerine ýetirmek üçin gerekleri goşmak bilen, degişli gurluş birliklerinde we onuň degişli derejelerinde bellenmegini üpjün etmelidir. Hil ugurda maksatlar hil ugurda syýasat bilen ölçenilýän we ylalaşylýan bolmalydyrlar.

Serişdeleriň menejmenti. Serişdeler bilen üpjün etmek

Gurama aşakdakylar üçin talap edilýän serişdeleri kesgitlemelidir we üpjün etmelidir:

a) hil menejmentiniň ulgamyny, şeýle hem onuň netijeliligini hemişe gowulandyrmagy ornaşdyrmak we iş ýagdaýynda saklamak;

b) sarp edijileriň kanagatlananlygyny olaryň talaplaryny ýerine ýetirmek arkaly gowulandyrmak.

Önümiň durmuş döwrüniň prosesler. Önümiň durmuş döwrüniň proseslerini meýilnamalaşdyrmak

Gurama önümiň durmuş döwrüni üpjün etmek üçin gerek prosesleri meýilnamalaşdyrmalydyr we işläp düzmelidir. Önümiň durmuş döwrüni meýilnamalaşdyrmak hil menejmentiniň ulgamynyň beýleki proseslerine talaplar bilen ylalaşmalydyr.

Önümiň durmuş döwrüniň prosesleri meýilnamalaşdyrylanda gurama eger maksada laýyk bolsa:

a) hil ugurda maksatlary we önüme talaplary;

b) prosesleri, resminamalary işläp düzmekde, şeýle hem anyk önüm üçin serişdeler bilen üpjün etmekde zerurlygy;

ç) anyk önüm üçin werifikasiýa we walidasiýa, monitoring, gözegçilik we synaglar boýunça gerek işi, şeýle hem önümi kabul etmegiň ölçütleri;

d) önümiň durmuş döwrüniň we öndürilen önümiň talaplara laýyk gelýändigini tassyklamagy üpjün etmek üçin zerur ýazgylary bellemeli (4.2.4)

Şeýle meýilnamalaşdyrmagyň netijesi guramanyň tejribesine laýyk görnüşde berilmelidir.

Bellikler

A.1 tablisa.

| 1 | | 2 | |
|---|---|---|---|
| Aragatnaşyk | 4.4.3 | 5.5.3<br><br>7.2.3 | Maglumaty içerki alyş-mak<br>Sarp edijiler bilen ara-gatnaşyk |
| Töwerekdäki sredany dolandyrmagyň ulgamy-nyň resminamalary | 4.4.4 | 4.2<br>4.2.1<br>4.2.2 | Resminamalara talaplar<br>Umumy düzgünler<br>Hil boýunça gollanma |
| Resminamalary dolan-dyrmak | 4.4.5 | 4.2.3 | Resminamalary dolan-dyrmak |
| Amallary dolandyrmak | 4.4.6 | 7<br><br>7.1<br><br><br>7.2<br><br>7.2.1<br><br>7.2.2<br><br>7.3<br>7.3.1<br><br><br>7.3.2<br><br>7.3.3<br><br><br>7.3.4 | Önümiň durmuş döwrü-niň prosesleri<br>Önümiň durmuş döwrü-niň proseslerini meýilna-malaşdyrmak<br>Sarp edijiler bilen bag-lanyşykly prosesler<br>Önüme degişli talaplary kesgitlemek<br>Önüme degişli talaplary derňemek<br>Taslamak we işläp düz-mek<br>Taslamagy we işläp düzmegi meýilnamalaşdyr-mak<br>Taslamak we işläp düz-mek üçin giriş maglumatlary<br>Taslamagyň we işläp düzmegiň çykyş maglu-matlary<br>Taslamanyň we işläp düzmegiň derňewi |

**TDS 9004 standarty**

ISO guramasynyň maksatlary:

-öz sarp edijileriniň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň (guramanyň işgärleriniň, üpjün edijileriň, eýeleriň, jemgyýetiň) isleglerini we tamalaryny kesgitlemek we kanagatlandyrmak, bäsleşikde artykmaçlyklary üpjün etmek we ony netijeli we täsirli amala aşyrmak;

-bütewilikde guramanyň netijeliligini we mümkinçiliklerini gazanmak, saklamak we ýokarlandyrmak.

Hil menejmentiniň ýörelgelerini ulanmak diňe gös-göni peýdalary üpjün etmän, eýsem çykdajylaryň we töwekgelçilikleriň menejmentine hem möhüm goşant goşýar. Peýdalar, çykdajylaryň we töwekgelçilikleriň menejmenti bilen baglanyşykly pikirler gurama, onuň sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan taraplar üçin möhümdir. Guramanyň umumy netijeliligine degişli bu maslahatlar:

-sarp edijileriň ygrarlygyna;

-gaýtadan iş gatnaşyklaryna we ýüzlenmelere;

-işiň bazardaky girdeji we paý ýaly netijelerine;

-bazaryň mümkinçiligine çeýe we tiz täsirine;

-serişdeleri netijeli we täsirli peýdalanmak arkaly çykdajylara we döwürleriň sanyna;

-prosesleriň toplumynyň guralmagyna, onuň kömegi bilen islenýän netijeleri iň oňat ýol bilen gazanylýarlar;

-guramanyň mümkinçiliklerini gowulandyrmagyň hasabyna bäsdeşlik artykmaçlyklarynyň alynmagyna;

-işgärleriň guramanyň maksatlary we wezipeleri babatda düşünmegine we esaslandyrylmagyna, şeýle hem hemişe gowulandyrmaga gatnaşmagyna;

-gyzyklanýan taraplaryň guramanyň netijeliligine we täsirliligine, guramanyň işiniň netijesinde maliýe we durmuşy peýdalar, şeýle hem abraýyna ynamlylygyna;

-çykdajylary we serişdeleri optimallaşdyrmak arkaly, şeýle hem bazaryň üýtgemelerine bilelikdäki täsiriň çeýeliginiň we tizliginiň hasabyna hem gurama üçin, şeýle hem onuň üpjün edijiler üçin gymmaty döretmek ukyplylygyna täsir edip biler.

Prosesleýin çemeleşmek

Şu standart hil menejmentiniň ulgamy işlenip düzülende, ornaşdyrylanda we netijeliligi we täsirliligi gowulandyrylanda gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlylygyny olaryň talaplaryny ýerine ýetirmek arkaly ýokarlandyrmak üçin «prosesleýin çemeleşmegiň» ulanylmagyna ugrukdyrylandyr.

Netijeli we täsirli hereket etmek üçin gurama işiň köpsanly we özara baglanyşykly görnüşleriniň menejmentini kesgitlemelidir we amala aşyrmalydyr. Serişdeleri peýdalanýan we girişleri çykyşlara özgertmek maksady bilen dolandyrylýan we girişleri çykyşlara özgertmek maksady bilen dolandyrylýan iş proses hökmünde seredilip bilner. Köplenç bir prosesiň çykyşy indikiniň gös-göni girişini emele getirýär.

Guramada prosesleriň ulgamynyň olaryň barabarlaşdyrylmagy we özara baglanyşykly bilelikde ulanylmagy, şeýle hem prosesleriň menejmenti «prosesleýin çemeleşmek» hasap edilip bilnerler.

Prosesleýin çemeleşmegiň artykmaçlygy olaryň ulgamynyň çäklerinde aýratyn prosesleriň birikmesinde, şeýle hem olaryň birleşmesinde we özara täsirinde üpjün edilýän dolandyrmagyň üznüksizliginden ybaratdyr.

Hil menejmentiniň ulgamynda şeýle çemeleşmek:

a) talaplaryň düşünilmeginiň we ýerine ýetirilmeginiň;

b) prosese goşmaça gymmat nuktaýnazaryndan seredilmeginiň zerurlygynyň;

ç) prosesleriň ýerine ýetirilmeginiň netijeleriniň gazanylmagynyň we olaryň netijeliliginiň;

d) prosesleriň obýektiw ölçemelere esaslanan hemişe gowulandyrylmagynyň möhümdigini belleýär.

Prosesleýin çemeleşmäge esaslanan hil menejmentiniň ulgamynyň 1-nji suratda getirilen nusgasy 4-8 bölümlerde berlen prosesleriň arasyndaky baglanyşygy görkezýär.




**Şertli belgiler:**

———→ **Gymmat goşýan iş**

- - - - - - - -→ **Maglumatyň akymy**

1-nji surat – Hil menejmentiniň ulgamynyň prosesleýin çemeleşmäge esaslanan nusgasy

Bu nusga gyzyklanýan taraplaryň giriş maglumatlary kesgitlenende uly rol oýnaýandygyny görkezýär. Gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygynyň monitoringi gyzyklanýan taraplar tarapyndan olaryň talaplarynyň ýerine ýetirilmeginiň düşünilmegi hakynda maglumata baha berilmegini talap edýär. 1-nji suratda getirilen nusga prosesleri jikme-jikleşdirmeýär.

TDS ИСО 9001 bilen arabaglanyşyk

TDS ИСО 9001 we TDS ИСО 9004 hil menejmentiniň ulgamlaryna ylalaşylan jübt standartlar hökmünde biri-birini doldurmak üçin işlenip düzülendir, ýöne olary

garaşsyz hem ulanmak bolýar. Standartlaryň dürli ulanmak ugrunyň barlygyna garamazdan, olaryň olary ylalaşylan jübt hökmünde peýdalanmak üçin şertleri döretmek üçin meňzeş gurluşy bardyr.

TDS ИСО 9001 hil menejmentiniň ulgamyna guramalar tarapyndan içerki ulanmak, sertifikatlaşdyrmak ýa-da şertnama baglaşmak maksatlary üçin peýdalanylyp bilinjek talaplary belleýär. Ol sarp edijileriň talaplary ýerine ýetirilende hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine ugrukdyrylandyr.

TDS ИСО 9004 hil menejmentiniň ulgamynyň maksatlarynyň has giň spektri boýunça, aýratyn hem guramanyň işini, şeýle hem onuň täsirliligini we netijeliligini hemişe gowulandyrmak boýunça, maslahatlary öz içine alýar. TDS ИСО 9004 ýokary ýolbaşçysy işi hemişe gowulandyrmak maksada eýerip, TDS ИСО 9001 talaplarynyň çäklerinden çykmak isleýän guramalar üçin maslahat berilýär. Emma ol sertifikatlaşdyrmak ýa-da ylalaşyklary baglaşmak üçin niýetlenen däldir.

Ulanyjylara has oňaýlylyk üçin TDS ИСО 9001 talaplarynyň esasy mazmuny şu standartyň degişli bölümlerinde ramkada ýerleşdirilendir.

«Bellik» hökmünde belgilenen maglumat düşünmek ýa-da düşündirmek boýunça maslahatdyr.

Menejmentiň beýleki ulgamlary bilen utgaşyjylygy

Şu standart töwerekdäki sredany goramagyň menejmenti, hünär saglygynyň we howpsuzlygyň menejmenti, maliýe menejmenti ýa-da töwekgelçiligiň menejmenti ýaly menejmentiň beýleki ulgamlary babatda anyk maslahatlary öz içine almaýar. Ýöne ol gurama öz hususy hil menejmentiniň ulgamyny menejmentiň degişli ulgamlary bilen ylalaşmaga ýa-da birleşdirmäge mümkinçilik berýär. Gurama hereket edýän menejment ulgamyny (laryny) şu standartyň maslahatlaryna laýyklykda hil menejmentiniň ulgamyny döretmek üçin uýgunlaşdyryp biler.

## Ulgamlaryň we proseseleriň menejmenti

Öz işini hemişe gowulandyrýan gurama ýolbaşçylyk etmegiň we dolandyrmagyň yzygiderli we aýdyň usulyny üpjün edýär.

Resminamalar .Hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligi we täsirliligi hakynda maglumaty we goşmaça maglumatlary üpjün edýär.

Ýolbaşçynyň jogapkärçiligi. Umumy talaplar

Ýokary ýolbaşçynyň ylalaşylan we aýdyň çekilmegini üpjün edýär.

Gyzyklanýan taraplaryň islegleri we tamalary

Ähli gyzyklanýan taraplaryň isleginiň we tamalarynyň hil menejmentiniň ulgamynyň çäklerinde netijeli we täsirli ulgamyny döretmek maksady bilen barabar seredilmegini üpjün edýär.

Hil ugurda syýasat.Ähli gyzyklanýan taraplaryň isleginiň düşnükliligini we bütin guramanyň aýdyň we garaşylýan netijelerine getirýän ugruny üpjün edýär.

Meýilnamalaşdyrmak. Hil ugurda syýasat ölçelýän maksatlara we bütin guramanyň möhüm uçastoklarynda aýdyň jemlemegi üpjün etmek üçin meýilnamalary geçirýär.

Ozalky tejribeden sapaklary almaga ýardam edýär.

Jogapkärçilik, ygtyýarlyklar we maglumat alyşmak . Bütin guramada ylalaşylan we ählumumy çemeleşmegi üpjün edýär we ähli gyzyklanýan taraplar bilen roly, jogapkärçiligi we aragatnaşygy düşündirýär.

Ýolbaşçy tarapyndan derňew . Ýokary ýolbaşçyny hil menejmentiniň ulgamyny gowulandyrmaga çekýär.

Meýilnamalaryň ýerine ýetirilişine baha berýär we gowulandyrmak boýunça degişli hereketleri kesgitleýär.

Seişdeleriň menejmenti. Umumy maslahatlar.

Guramanyň maksatlaryna ýetmek üçin meňzeş serişdeleriň (işgärler, infrastruktura, önümçilik sredasy, maglumat, üpjün edijiler we hyzmatdaşlar, tebigy we maliýe serişdeleri) bolmagyny üpjün edýär. Işgärler .

Rola, jogapkärçilige, maksatlara gowy düşünilmegini üpjün edýär we işi gowulandyrmagyň maksatlaryny gazanmak üçin guramanyň ähli derejelerinde işgärleriň çekilmegini ýokarlandyrýar

Ykrar etmegi we sylaglamagy höweslendirýär.

Infrastruktura , önümçilik sredasy , maglumat we tebigy serişdeleri bilen baglanyşykly artykmaçlyklar.

Adamlardan başga serişdeleriň netijeli ulanylmagyny üpjün edýär.

Çäklendirmeleriň we maksatlara ýetmekligi we meýilnamalary amala aşyrmaklygy üpjün etmek üçin mümkinçilikleriň düşünilmegine ýardam edýärler.

Üpjün edijiler we hyzmatdaşlar. Üpjün edijiler we beýleki guramalar bilen özara peýda üçin hyznatdaşlykly gatnaşyklary wagyz edýär. Maliýe serişdeler.

Çykdajylaryň we peýdalaryň arasyndaky özara baglanyşyga has gowy düşünmegi üpjün edýär.

Guramanyň maksatlaryna netijeli we täsirli ýetmäge ugrukdyrylan gowulandyrmagy höweslendirýär.

Önümiň durmuş döwrüniň prosesleri. Umumy maslahatlar

Islenýän netijeleri gazanmak üçin guramanyň amallaryny işläp düzmäge ýardam edýär.

Gyzyklanýan taraplar bilen baglanyşykly prosesler .

Serişdeleriň menejmentini we işi prosesler hökmünde üpjün edýär.

Ähli gyzyklanýan taraplaryň islegleriniň we tamalarynyň bütin guramada düşnükli bolmagyny üpjün edýär. Taslamak we işläp düzmek.

Sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna netijeli we täsirli täsir etmek üçin taslamagyň we işläp düzmegiň proseslerini döretmegi üpjün edýär.

Satyn almaly

Üpjün edijileriň guramanyň hil ugurda syýasatyna we maksatlaryna laýyklygyny üpjün edýär.

Öndürmek we hyzmat etmek boýunça amallar Sarp edijileriň durnukly kanagatlananlygyny önüm öndürmek, hyzmat etmek we sarp edijileriň isleglerini we tamalaryny kanagatlandyrýan goldamak arkaly üpjün edýär.

Monitoring we ölçemeler üçin gurluşlary dolandyrmak. Derňew üçin maglumatlaryň takyklygyny üpjün edýär.

Ölçemek, derňemek we gowulandyrmak. Umumy maslahatlar.

Gowulandyrmak üçin netijeli we täsirli ölçemeleri, toplamalary we walidasiýany üpjün edýär.

Ölçemek we monitoring .Prosesleriň we önümiň ölçemesi we monitoringi üçin usullary dolandyrmagy üpjün edýär.

Laýyk dällikleri dolandyrmak .Önümde we proseslerde gabat gelen laýyk dällikleri netijeli aradan aýyrmagy üpjün edýär.

Faktlara esaslanan çözgütleri kabul etmegi üpjün edýär.

Guramanyň netijeliligini we täsirliligini ýokarlandyrýar.

Meýillere esaslanyp güýçleri duýdurmaga we gowulandyrmaga gönükdirýär.

## Hemişe gowulandyrmagyň prosesi

Guramanyň işini kämilleşdirmek we oňa gyzyklanýan taraplaryň peýdasyny üpjün etmek üçin prosesleri hemişe gowulandyrmak guramanyň strategiki maksadydyr.

Prosesleriň hemişe gowulandyrylmagyny geçirmäge iki esasy çemeleşmek bardyr:

a) bar bolan proseslere gaýtadan seretmäge we gowulandyrmaga ýa-da täze prosesleri ornaşdyrmaga alyp barýan öňe gidişligiň taslamalary; adatça, olary köp profilli toparlar adaty işiň daşyndan amala aşyrýarlar;

b) bar bolan prosesleriň çäklerinde işgärler tarapyndan döwürleýin hemişe gowulandyrmak boýunça iş.

Öňe gidişligiň taslamalarynda adatça bar bolan prosesleri gaýtadan taslamak bardyr we olar:

-maksatlary kesgitlemegi we gowulandyrmak boýunça taslamanyň gysgaça beýanyny;

-bar bolan prosesiň derňewini we üýtgetmeleri durmuşa geçirmegiň mümkinçiliklerini;

-prosesi gowulandyrmagy kesgitlemegi we meýilnamalaşdyrmagy;

-gowulandyrmagy ornaşdyrmagy;

-gowulandyrmagyň werifikasiýasyny we walidasiýasyny;

-alnan sapaklary goşmak bilen gazanylan gowulandyrmaga baha bermegi öz içine alýarlar.

Öňe gidişligiň taslamalary taslamanyň menejmentini peýdalanýan netijeli we täsirli usul bilen dolandyrylýarlar. Üýtgetme girizilenden soň taslamanyň täze meýilnamasy prosesiň hemişelik menejmentiniň esasy bolup hyzmat edýär.

Guramanyň işgärleri prosesleri hemişe gowulandyrmak boýunça ideýalary gowy berijiler bolýarlar we köplenç işçi toparlaryna gatnaşýarlar. Prosesleri döwürleýin hemişe gowulandyrmak boýunça işi, onuň netijelerine düşünmek üçin dolandyrmaly. Guramanyň çekilen işgärlerine ygtyýarlyklar, tehniki goldaw we gowulandyrmak bilen baglanyşykly üýtgetmeler üçin zerur serişdeler bilen üpjün etmek gerek.

Görkezilen iki usullaryň islendiginiň kömegi bilen hemişe gowulandyrmak aşakdakylary öz içine alýar:

a) gowulandyrmagyň sebäbini – prosesiň meselelerini kesgitlemeli, gowulandyrmak üçin ugry saýlamaly, onuň üstünde işlemegiň sebäbini görkezmek bilen;

b) hakyky ýagdaýy – bar bolan prosesiň netijeliligine we täsirliligine baha bermek gerek. Tiz-tizden ýüze çykýan meseleleriň tiplerini ýüze çykarmak üçin maglumatlary toplaň we derňäň. Anyk meseläni saýlap alyň we gowulandyrmak boýunça wezipäni goýuň;

ç) derňewi – meseläniň ilkinji sebäbini kesgitlemeli we barlamaly;

d) mümkin çözgütleri barabarlaşdyrmagy – alternatiw çözgütleri barlaň. Gowy çözgüdi, ýagny, meseläniň ilkinji sebäbini aradan aýyrjak we onuň gaýtadan ýüze çykmagynyň öňüni aljak, saýlap almak we ornaşdyrmak gerek;

e) netijelere baha bermegi – meseläniň we onuň ilkinji sebäbiniň aradan aýrylandygyny ýa-da olaryň täsiriniň azalandygyny, çözgüdiň işländigini we gowulandyrmak boýunça wezipäniň ýerine ýetirilendigini tassyklamaly;

ä) täze çözgüdi ornaşdyrmagy we standartlaşdyrmagy – köne prosesi gowulandyrylana çalşyrmak gerek, şeýlelikde meseläniň we onuň ilkinji sebäpleriniň gaýtadan ýüze çykmagynyň öňüni almak bilen;

f) gowulandyrmak boýunça hereketler gutarandan soň prosesiň netijeliligine we täsirliligine baha bermegi – gowulandyrmak boýunça taslamanyň netijeliligine we täsirliligine baha bermeli we onuň çözgüdiniň guramanyň başga bir ýerinde ulanylmagyna seretmeli.

Gowulandyrmak prosesi galan meselelere, şeýle hem maksatlary işläp düzmäge we prosesi gelejekde gowulandyrmak boýunça çözgütleri kabul etmäge degişlilikde gaýtalanýar.

Işgärleri çekmek we gowulandyrmak boýunça iş hakynda habarlylygyna ýardam etmek üçin ýolbaşçy aşakdakylar ýaly çärelere seretmeli:

-uly bolmadyk toparlary düzmek, toparlaryň özleri tarapyndan baştutanlary saýlamak bilen;

-işgärlere iş giňişligini dolandyrmaga we ony gowulandyrmaga rugsat bermek;

-hil menejmenti boýunça guramanyň işiniň umumy bölegi hökmünde işgärleriň bilimlerini ýokarlandyrmak, tejribe toplamak we endiklerini kämilleşdirmek.

Hil menejmentiniň ulgamyny döretmek üçin guramanyň strategiki çözgüdi talap edilýär. Guramanyň hil menejmentiniň ulgamyny işläp düzmäge we ornaşdyrmaga üýtgeýän zerurlyklar, anyk maksatlar, goýberilýän önüm, ulanylýan prosesler, guramanyň möçberi we gurluşy täsir edýärler. Şu standart hil menejmentiniň ulgamynyň gurluşynda ýa-da resminamalarda birmeňzeşligi göz öňünde tutmaýar.

Şu standart tarapyndan hil menejmentiniň ulgamyna talaplar önüme talaplara görä goşmaçadyr. «Bellik» hökmünde belgilenen maglumat degişli talaba düşünmek ýa-da düşündirmek boýunça metodiki görkezmedir.

Şu standart guramanyň sarp edijileriň, reglamentleriň we öz hususy talaplaryny ýerine ýetirmek ukyplylygyna baha bermek maksady bilen, içerki we daşarky taraplar tarapyndan peýdalanylyp bilner.

Şu standart işlenip düzülende TDS ИСО 9000 we TDS ИСО 9004 bellenilen hil menejmentiniň ýörelgeleri hasaba alyndy.

Prosesleýin çemeleşmek

Şu standart hil menejmentiniň ulgamy işlenip düzülende, ornaşdyrylanda we netijeliligi gowulandyrylanda gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlylygyny olaryň talaplaryny ýerine ýetirmek arkaly ýokarlandyrmak üçin «prosesleýin çemeleşmegiň» ulanylmagyna ugrukdyrylandyr.

Üstünlikli işlemek üçin gurama işiň köpsanly we özara baglanyşykly görnüşleriniň menejmentini kesgitlemelidir we amala aşyrmalydyr. Serişdeleri peýdalanýan we girişleri çykyşlara özgertmek maksady bilen dolandyrylýan iş proses hökmünde seredilip bilner. Köplenç bir prosesiň çykyşy indikiniň gös-göni girişini emele getirýär.

Guramada prosesleriň ulgamynyň olaryň barabarlaşdyrylmagy we özara baglanyşyk bilen bilelikde ulanylmagy, şeýle hem prosesleriň menejmenti «prosesleýin çemeleşmek» hasap edilip bilnerler.

Prosesleýin çemeleşmegiň artykmaçlygy olaryň ulgamynyň çäklerinde aýratyn prosesleriň birigmesinde, şeýle hem olaryň birleşmesinde we özara täsirinde dolandyrmagyň üznüksizliginden ybaratdyr.

Hil menejmentiniň ulgamynda şeýle çemeleşmek:

a) talaplaryň düşünilmeginiň we ýerine ýetirilmeginiň;

b) prosese goşmaça gymmat nuktaýnazaryndan seredilmeginiň zerurlygynyň;

ç) prosesleriň ýerine ýetirilmeginiň netijeleriniň gazanylmagynyň we olaryň netijeliliginiň;

d) prosesleriň obýektiw ölçemelere esaslanan hemişe gowulandyrylmagynyň möhümdigini belleýär.

Prosesleýin çemeleşmäge esaslanan hil menejmentiniň ulgamynyň 1-nji suratda getirilen nusgasy 4-8 bölümlerde berlen prosesleriň arasyndaky baglanyşygy görkezýär.

TDS ИСО 9001 bilen arabaglanyşyk

TDS ИСО 9001 we TDS ИСО 9004 hil menejmentiniň ulgamlaryna ylalaşylan jübt standartlar hökmünde biri-birini doldurmak üçin işlenip düzülendir, ýöne olary özbaşdak hem ulanmak bolar. Standartlaryň dürli ulanmak ugrunyň barlygyna garamazdan, olaryň olary ylalaşylan jübt hökmünde peýdalanmak üçin şertleri döretmek üçin meňzeş gurluşy bardyr.

TDS ИСО 9001 hil menejmentiniň ulgamyna guramalar tarapyndan içerki ulanmak, sertifikatlaşdyrmak ýa-da şertnama baglaşmak maksatlary üçin peýdalanylyp bilinjek talaplary belleýär. Ol sarp edijileriň talaplary ýerine ýetirilende hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine ugrukdyrylandyr.

TDS ИСО 9004 TDS ИСО 9001 garanynda hil menejmentiniň ulgamynyň maksatlarynyň has giň spektri boýunça, aýratyn hem guramanyň işini, şeýle hem onuň täsirliligini we netijeliligini hemişe gowulandyrmak boýunça, maslahatlary öz içine alýar. TDS ИСО 9004 ýokary ýolbaşçylary işi hemişe gowulandyrmak maksada eýerip, TDS ИСО 9001 talaplarynyň çäklerinden çykmak isleýän guramalar üçin maslahat berilýär. Emma ol sertifikatlaşdyrmak ýa-da ylalaşyklary baglaşmak üçin niýetlenen däldir.

Menejmentiň beýleki ulgamlary bilen utgaşyjylygy

Şu standart TDS ИСО 14001 bilen ulanyjylaryň jemgyýetleriniň bähbitleri üçin şu iki standartlaryň utgaşyjylygyny gowulandyrmak üçin ylalaşylandyr.

Şu standart töwerekdäki sredany goramagyň menejmenti, hünär saglygynyň we howpsuzlygyň menejmenti, maliýe menejmenti ýa-da töwekgelçiligiň menejmenti ýaly beýleki menejment ulgamlaryna anyk talaplary öz içine almaýar. Ýöne ol gurama öz hususy hil menejmentiniň ulgamyny menejmentiň beýleki ulgamlary bilen degişli talaplar arkaly ylalaşmaga ýa-da birikdirmäge mümkinçilik berýär. Gurama hereket edýän menejment ulgamyny (laryny) şu standartyň talaplaryna laýyklykda hil menejmentiniň ulgamyny döretmek üçin uýgunlaşdyryp biler.

**TDS ISO 9001 standarty**

Şu standart TDS ИСО 9001 getirilen talaplaryň çäklerinden çykýan maslahatlary saklaýar we hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine we täsirliligine, şeýlelikde, guramanyň bütin işini gowulandyrmak boýunça potensiala seredilmegini öz içine alýar. TDS ИСО 9001 bilen deňeşdirilende sarp edijileriň kanagatlananlygyna we önümiň hiline ugrukdyrylan maslahatlar giňeldilendir: olara ähli gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygy we bütinligine guramanyň işi girizilendir.

Şu standart guramanyň proseslerine, we, şonuň bilen, hil menejmentiniň ulgamynyň esaslanýan ýörelgelerine ulanarlykdyr, bütin gurama ýaýradylyp bilner. Şu standartda üns sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygynyň derejesi bilen ölçelýän hemişe gowulandyrmagy gazanmakda jemlenendir.

Şu standart metodiki gollanmalary we maslahatlary öz içine alýar, ol ne sertifikatlaşdyrmak ýa-da şertnamalarda we reglamentlerde peýdalanmak üçin, ne-de TDS ИСО 9001 ornaşdyrmak boýunça gollanma hökmünde peýdalanmak üçin niýetlenen däldir.

Kadalaşdyryjy resminamalar

Şu standartda aşakdaky standartlara salgylanmalar ulanyldy:

TDS ИСО 9000-2002 Hil menejmentiniň ulgamlary. Esasy düzgünler we sözlük

TDS ИСО 9001-2002 Hil menejmentiniň ulgamlary. Talaplar

Kesgitlemeler

Şu standarta degişlilikde TDS ИСО 9000 berlen adalgalar we kesgitlemeler peýdalanylýarlar.

TDS ИСО 9004 şu neşirinde peýdalanylýan, üpjün etmegiň ulgamyny beýan etmek üçin aşakda getirilen adalgalar şu wagt ulanylýan adalgalaryň sözlügini görkezmek üçin üýtgedilendir.

üpjün ediji ————→ gurama ————→ sarp ediji (gyzyklanýan taraplar).

Standartyň ýazgysynda «önüm» adalgasy «hyzmaty» hem aňladyp biler.

## Kanun çykaryjy talaplary

Ýolbaşçy öz önümine, proseslerine we işine ulanarlyk kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplary gurama tarapyndan bilinmegini üpjün etmelidir we şu talaplary hil menejmentiniň ulgamyna girizmelidir.

Şeýle hem:

-häzirki we geljegi bolan talaplara etikanyň, netijeliligiň we täsirliligiň nuktaýnazaryndan laýyklygy düşündirmäge;

-gyzyklanýan taraplar üçin talaplara laýyklygyň ýokarlanmagyndan peýdalara;

-jemgyýetiň bähbitlerini goramakda guramanyň roluna üns bermeli.

Hil ugurda syýasat

Ýokary ýolbaşça hil ugurda syýasaty guramany dolandyrmak serişdesi hökmünde onuň işini gowulandyrmak maksady bilen peýdalanmak gerek.

Guramanyň hil ugurda syýasaty guramanyň umumy syýasatynyň we strategiýasynyň deňhukukly we ylalaşylan bölegi bolmalydyr.

Hil ugurda syýasat işlenip düzülende ýokary ýolbaşça:

-guramanyň üstünlikli işi üçin gerek geljekki gowulandyrmalaryň derejesini we görnüşini;

-sarp edijileriň kanagatlananlyklarynyň garaşylýan ýa-da islenýän derejesini;

-guramanyň işgärleriniň ösüşini;

-beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny;

-TDS ИСО 9001 talaplarynyň çäklerinden çykmak üçin zerur serişdeleri;

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlaryň bolmagy mümkin bolan goşantlaryny hasaba almaly.

Hil ugurda syýasat gowulandyrmak üçin peýdalanylyp bilner, eger ol:

-guramanyň geljegi boýunça ýokary ýolbaşçynyň çaky we strategiýasy bilen ylalaşýan bolsa;

-bütin guramanyň hil ugurda maksatlaryna düşünmäge we eýermäge mümkinçilik berýän bolsa;

-ýokary ýolbaşçynyň hile we maksatlary gazanmagy meňzeş serişdeler bilen üpjün etmek borçlara yhlaslylygyny tassyklaýan bolsa;

-hile şu yhlaslylygy bütin guramada ýokary ýolbaşçynyň aýdyň baştutanlygynda düşündirmäge kömek edýän bolsa;

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan talaplaryň isleglериniň we tamalarynyň kanagatlandyrylmagy bilen baglanyşykly hemişe gowulandyrmagy öz içine alýan bolsa;

-netijeli resmileşdirilen we ähli işgärleriň dykgatyna başarnykly resmileşdirilen bolsa.

Syýasatyň gazanja degişli beýleki görnüşleri ýaly, hil ugurda syýasaty döwürleýin derňemeli.

Meýilnamalaşdyrmak.Hil ugurda maksatlar.

Guramanyň hil ugurda strategiki meýilnamalaşdyrylmagy we syýasaty hil ugurda maksatlary goýmak üçin esasy üpjün edýärler. Ýokary ýolbaşçy guramanyň işini gowulandyrmaga ugrukdyrylan bu maksatlary işläp düzmeli.

Ýolbaşçy tarapyndan geçirilýän netijeli we täsirli derňewe ýardam etmek üçin maksatlary ölçemek gerek.

Bu maksatlar işlenip düzülende ýolbaşçy:

-guramanyň we hyzmat edilýän bazarlaryň hakyky we geljekki zerurlyklaryny;

-ýolbaşçy tarapyndan derňewiň degişli netijelerini;

-önümiň hakyky häsiýetnamalaryny we prosesleriň görkezijilerini;

-gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlyk derejesini;

-öz-özüňe baha bermegiň netijelerini;

-has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmegi, bäsdeşleriň derňewiniň netijelerini, gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri;

-maksatlara ýetmek üçin gerek serişdeleri hasaba almalydyr.

Hil ugurda maksatlary guramanyň işgärleriniň dykgatyna, olara olary gazanma gatnaşmaga mümkinçilik berer ýaly usul bilen, ýetirmek gerek. Hil ugurda maksatlary ýaýbaňlandyrmak üçin jogapkärçiligi kesgitlemeli. Maksatlary yzygiderli derňemeli we olara zerurlyga görä gaýtadan seretmeli.

Ýolbaşçy guramanyň önüminiň hilini meýilnamalaşdyrmak üçin jogapkärçiligi öz üstüne almalydyr. Bu meýilnamalaşdyrmagy guramanyň strategiýasyna laýyk, maksatlara netijeli we täsirli ýetmek we hile talaplary ýerine ýetirmek üçin talap edilýän prosesleri kesgitlemäge gönükdirmeli.

Netijeli we täsirli meýilnamalaşdyrmak üçin giriş maglumatlar aşakdakylardyr:

-guramanyň strategiýasy;

-guramanyň kesgitlenen maksatlary;

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kesgitlenen islegleri we tamalary;

-kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplara baha bermek.

-önümiň häsiýetnamalary hakynda maglumatlara baha bermek;

-prosesleriň görkezijileri hakynda maglumatlara baha bermek;

-öňki tejribeden alnan sapaklar;

-gowulandyrmak üçin görkezilen mümkinçilikler;

-degişli päsgelçiliklere we olaryň azalandygy hakynda maglumatlara baha bermek.

Önümiň hilini meýilnamalaşdyrmagyň çykyş maglumatlary gurama üçin önümiň durmuş döwrüniň proseslerini we, aşakdakylary öz içine alýan, kömekçi prosesleri kesgitleýärler:

-işgärleriň gurama üçin zerur endikleri we bilimleri;

-prosesleri gowulandyrmagyň meýilnamalaryny amala aşyrmak üçin jogapkärçiligi we ygtyýarlyklary;

-maliýe serişdeleri we infrastruktura ýaly zerur serişdeleri;

-guramanyň işini gowulandyrmaga baha bermek üçin görkezijileriň toplumy;

-gowulandyrmagyň zerurlyklaryny, serişdeleri we usullary goşmak bilen;

-ýazgylary goşmak bilen resminamalara zerurlyklary.

Guramanyň prosesleriniň netijeliligini we täsirliligini üpjün etmek üçin çykyş maglumatlary yzygiderli derňemek gerek.

Jogapkärçilik, ygtyýarlyklar we maglumat alyşmak Jogapkärçilik we ygtyýarlyklar

Ýokary ýolbaşçy netijeli we täsirli hil menejmentiniň ulgamyny ornaşdyrmak we iş ýagdaýynda saklamak üçin jogapkärçiligi we ygtyýarlyklary kesgitlemeli we işgärleriň dykgatyna ýetirmeli.

Guramanyň ähli işgärlerine jogapkärçilik we, olara hil ugurda maksatlara ýetmäge gatnaşmaga mümkinçilik berip we olary çekmäge, motiwirlemäge we olaryň borçlary kabul etmäge şertleri döredip, ygtyýarlyklar bermek gerek.

Ýolbaşçynyň wekili. Ýokary ýolbaşçy ýolbaşçynyň wekilini bellemeli we oňa hil menejmentiniň ulgamyny dolandyrmak, hemişe barlamak, baha bermek we utgaşdyrmak üçin ygtyýarlyklar bermeli. Şeýle bellemek hil menejmentiniň netijeli we täsirli işine we gowulanmagyna ýardam etmäge niýetlenendir. Wekil ýokary ýolbaşça hasabat bermelidir we sarp edijiler we beýleki gyzyklanýan taraplar bilen hil menejmentiniň ulgamyna degişli meseleler boýunça aragatnaşyk saklaýar.

Maglumaty içerki alyşmak. Guramanyň ýolbaşçysy hil ugurda syýasat, talaplar, maksatlar we olary gazanmak meseleleri boýunça maglumaty alyşmagyň netijeli we täsirli prosesini kesgitlemelidir we ornaşdyrmalydyr. Şeýle maglumat bilen üpjün etmek guramanyň işini gowulandyrmaga kömek edip biler we hil ugurda maksatlara ýetmäge onuň işgärlerini gös-göni çekýär. Ýolbaşçy yzyna aragatnaşygy we guramanyň işgärlerinden olary çekmek serişdesi hökmünde maglumatlary almagy işeňňir höweslendirmeli.

Maglumat alyşmak, meselem:

-ýolbaşçy tarapyndan iş uçastoklarynda geçirilýän habardar etmegi;

-toparlaýyn brifingleri we beýleki maslahatlary, meselem gazanylanlary ykrar etmek boýunça;

-bildiriş tagtalaryny, içerki gazetleri / žurnallary peýdalanmagy;

-elektron poçta we web-sayt ýaly audio-wideo elektron serişdeleri;

-işgärler tarapyndan taýýarlanan maglumatlar we aýdyň berlen teklipleri öz içine alyp biler.

Ýolbaşçy tarapyndan derňew Umumy düzgünler

Ýokary ýolbaşça ýolbaşçy tarapyndan derňewi hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine we täsirliligine ynamlylygyň çäklerinden daşary ýaýratmak we bu derňewi bütin guramany öz içine alýan, şeýle hem ulgamyň netijeliligine baha berýän prosese öwürmek gerek. Ýolbaşçy tarapyndan derňewi ýokary ýolbaşçynyň höweslendirilen baştutanlygy, açyk çekişmeli we giriş maglumatlaryna baha bermeli täze pikirleri alyşmak boýunça ýere öwürmeli.

Gurama gymmat goşmak üçin ýolbaşçy tarapyndan derňewiň netijeleri boýunça ýokary ýolbaşça önümiň durmuş döwrüniň proseslerini we kömekçi prosesleri hil menejmentiniň ýörelgelerine esaslanan yzygiderli derňew arkaly amala aşyrmagy dolandyrmak gerek. Derňewiň ýygylygy guramanyň zerurlyklarynyň esasynda bellenilýär. Derňew prosesine giriş maglumatlary hil menejmentiniň ulgamynyň diňe netijeliligi we täsirligi öz içine almaýan çykyş maglumatlaryna öwürmek gerek. Derňewiň netijeleri guramanyň işini gowulandyrmak meýilnamalaşdyrylanda peýdalanylýan maglumatlardyr.

Derňew üçin giriş maglumatlary

Hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine we täsirliligine baha bermäge giriş maglumatlary sarp edijileriň bähbitlerini göz öňünde tutýarlar we:

- hil ugurda maksatlary we işi gowulandyrmak boýunça gazanmagyň durumyny we netijelerini;
- ýolbaşçy tarapyndan derňewiň esasynda täsir talap edilen punktlaryň durumyny;
- guramanyň auditleriniň (barlaglarynyň) we öz özüne baha bermeginiň netijelerini;
- gyzyklanýan taraplaryň kanagatlanandygy hakynda, mümkin, hat-da olaryň gatnaşan pursadyna çenli, yzyna aragatnaşygy;
- bazar bilen baglanyşykly faktorlary (tehnologiýalar, barlaglar we işläp düzmeler, bäsdeşleriň işi we ş.m.);
- has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmegiň netijelerini;
- üpjün edijileriň işi hakynda maglumatlary;
- gowulandyrmagyň täze mümkinçiliklerini;
- prosesleriň we önümiň laýyk dälliklerini dolandyrmagy;
- bazara we strategiýa baha bermegi;
- strategiki hyzmatdaşlyk boýunça işiň durumyny;
-hil bilen baglanyşykly işiň maliýe netijelerini;
-gurama täsir edip biljek maliýe, durmuşy ýa-da ekologiki şertler ýaly beýleki faktorlary we kanunlaryň we reglamentleriň degişli üýtgetmelerini saklaýarlar.

Derňewiň çykyş maglumatlary

Ýolbaşçy tarapyndan derňew hil menejmentiniň ulgamyna ynamlylygyň çäklerinden çykýan meselelere ýaýranda, şeýle derňewiň netijeleri ýolbaşçy tarapyndan prosesleri gowulandyrmak üçin giriş maglumatlary hökmünde peýdalanylyp bilnerler. Ýokary ýolbaşçy derňewiň bu prosesini guramanyň işini gowulandyrmagyň mümkinçilikleri kesgitlenende güýçli serişde hökmünde ulanyp biler. Derňewleri geçirmegiň grafigi guramada strategiki meýilnamalaşdyrmak üçin maglumatlar bilen öz wagtynda üpjün etmäge ýardam berýär. Alnan çykyş maglumatlaryny guramanyň işgärleriniň dykgatyna, olara ýolbaşçy tarapyndan derňew prosesiniň gurama peýda getirjek täze maksatlary goýmaga alyp barýandygyny görkezip, ýetirmeli.

Netijeliligi gowulandyrmak üçin goşmaça çykyş maglumatlary, meselem:
-önümiň häsiýetnamalaryna we prosesleriň görkezijilerine degişli maksatlary;
-guramanyň işini gowulandyrmagyň maksatlary;
-guramaçylyk gurluşynyň we serişdeleriň ýaramlylygyna baha bermegi;
-marketing, önüm we sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygy boýunça strategiýany we başlangyçlary;
-ýitgileri azaltmak we barabarlaşdyrylan töwekgelçilikleri peseltmegiň meýilnamalaryny;
-guramanyň geljekki zerurlyklaryny meýilnamalaşdyrmagyň strategiýasy boýunça maglumaty öz içine alýarlar.

Yzarlamaklygy üpjün etmek we ýolbaşçy tarapyndan derňew prosesiniň özüne baha bermegi ýeňilleşdirmegi üpjün etmek üçin, onuň hemişe netijeliligine we gurama gymmatyň goşulýandygyna göz ýetirmek üçin ýeterlik ýazgylaryň bolmagy gerek.

## Serişdeleriň menejmenti

Ýokary ýolbaşçy guramanyň strategiýasyny amala aşyrmak maksatlara ýetmek üçin zerur serişdeleriň barlygyny kesgitlemelidir we üpjün etmelidir. Olar hil menejmentiniň ulgamynyň hereket etmegi we gowulandyrylmagy, şeýle hem sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan taraplary kanagatlandyrmak üçin serişdeleri öz içine alýar. Serişdelere işgärleri, infrastrukturany, önümçilik sredasyny, maglumaty, üpjün edijileri we hyzmatdaşlary, tebigy we maliýe serişdelerini degişli etmek bolar.

Üns bermeli meseleler

Guramanyň işini gowulandyrmak üçin serişdelere degişli ähli meselelere seretmek gerek, meselem:

-mümkinçilikleri we çäklendirmeleri hasaba almak bilen serişdeleri netijeli, täsirli we öz wagtynda bermek;

-kämilleşdirilen önümçilik we goşmaça serişdeler ýaly, maddy serişdeler;

-intellektual eýeçiligi ýaly maddy däl serişdeler;

-innowasion hemişe gowulandyrmalara ýardam edýän serişdeler we mehanizmler;

-taslamanyň menejmentini we matrisalaýyn çemeleşmegiň zerurlyklaryny kanagatlandyrýan gulluklary goşmak bilen guramaçylyk gurluşlary;

-maglumatyň we tehnologiýanyň menejmenti;

-maksada ugrukdyrylan taýýarlyk, bilim we okuw arkaly başarjaňlygy ýokarlandyrmak;

-guramanyň geljekki menejerleri üçin baştutanlygyň endiklerini we esasy ugurlaryny ösdürmek;

-tebigy serişdeleri peýdalanmak we olaryň töwerekdäki sreda täsiri;

-geljege serişdeleriň zerurlyklaryny meýilnamalaşdyrmak.

Işgärler. Işgärleri çekmek

Ýolbaşçy guramanyň netijeliligini we täsirliligini, şol sanda hil menejmentiniň ulgamyny, işgärleri çekmek we olaryň goldamagy arkaly gowulandyrmaly. Gurama öz işini gowulandyrmak maksatlaryna ýetmäge kömek hökmünde öz işgärlerini çekmegi we ösdürmegi aşakdakylar arkaly höweslendirmek gerek:

-hemişe taýýyrlygy we hünäri üpjün etmegi meýilnamalaşdyrmak;

-işgärleriň jogapkärçiligini we ygtyýarlyklaryny kesgitlemek;

-hususy we toparlaýyn maksatlary, prosesi ýerine ýetirmegiň we netijelere baha bermegiň menejmentini işläp düzmek;

-işgärleri maksatlar goýlanda we çözgütler kabul edilende çekmäge ýardam etmek;

-ykrar etmek we sylaglamak;

-açyk, iki taraplaýyn maglumat alyşmaga ýardam etmek;

-öz işgärleriniň zerurlyklaryny hemişe derňemek;

-täzelikleri höweslendirýän şertleri döretmek;

-netijeli toparlaýyn işi üpjün etmek;

-teklipler we pikirler hakynda maglumat bermek;

-işgärleriň kanagatlananlyk derejesiniň ölçemelerini peýdalanmak;

-işgärleriň gurama gelmeginiň we olaryň çykmagynyň sebäplerini aýdyň etmek.

Başarjaňlyk, habarlylyk we taýýarlyk . Başarjaňlyk

Ýolbaşçy guramanyň netijeli we täsirli işi üçin talap edilýän başarjaňlygyň barlygyna göz ýetirmeli. Oňa başarjaňlykda hakyky we garaşylýan zerurlyklary guramanyň işgärleriniň eýýäm bar bolan başarjaňlygy bilen deňeşdirmegiň derňewiniň esasynda ýetilýär.

Başarjaňlyga zerurlyklar hakynda pikirleriň esasynda:

-strategiki we operatiw meýilnamalar we maksatlar bilen baglanyşykly geljekki talaplar;

-garaşylýan menejment we işçi güýjüni yzygiderli ulanmagyň zerurlygy;

-guramanyň proseslerinde, serişdelerde we enjamlarda üýtgemeler;

-işiň aýratyn görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin aýratyn işgärleriň başarjaňlygyna baha bermek;

-gurama we onuň gyzyklanýan taraplaryna täsir edýän kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplar we standartlar.Habarlylyk we taýýarlyk

Işgärleri okatmakda we taýýarlamakda zerurlyklar meýilnamalaşdyrylanda prosesleriň häsiýeti, guramanyň medeniýeti we işgärleriň taýýarlyk derejesi bilen ýüze çykarylan üýtgemeleri hasaba almak gerek.

Işgärleriň bilimler bilen ýaraglanmagy, olaryň endikler we tejribeler almagy olaryň başarjaňlygyny ýokarlandyrmagy maksat edinýär.

Okatmagyň we taýýarlygyň barşynda sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplarynyň, islegleriniň we tamalarynyň ýerine ýetirilmegiň möhümdigi nygtalýar. Taýýarlyk şeýle hem talaplaryň ýerine ýetirilmeginiň netijeleriniň gurama we onuň işgärleri üçin düşünilmegini öz içine alýar.

Guramanyň maksatlaryna we onuň işgärleriniň ösmegine ýetmäge goldaw bermek üçin işgärleriň okuwy we taýýarlygy meýilnamalaşdyrylanda:

-işgärleriň tejribesini;

-göz öňünde tutulýan we aýdyň bilimleri;

-baştutanlygyň we menejmentiň endiklerini;

-meýilnamalaşdyrmak we gowulandyrmak serişdelerini;

-toparlaýyn işi;

-meseleleriň çözgüdini;

-aragatnaşyk endiklerini;

-medeniýeti we durmuşy tertibi;

-bazarlaryň, sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny bilmegi;

-döredijiligi we täzelikçiligi hasaba alýarlar.

Işgärleri çekmäge ýardam etmek üçin okuw we taýýarlyk şeýle hem:

-guramanyň geljeginiň çaklamasyny;

-guramanyň syýasatyny we maksatlaryny;

-guramaçylyk üýtgetmeleri we ösüşi;

-gowulandyrmak proseslerini başlamagy we ornaşdyrmagy;

-döredijilik işlerden we täzeliklerden peýdalary;

-guramanyň jemgyýete täsirini;

-täze işgärler üçin giriş kursuny;

-eýýäm taýýarlanan işgärler üçin hünäri ýokarlandyrmagyň döwürleýin maksatlaryny öz içine alýarlar.

Taýýarlyk meýilnamalaryna:

-maksatlary;

-maksatnamalary we usullary;

-zerur serişdeleri;

-gerek içerki goldawy kesgitlemegi;

-işgärleriň başarjaňlygyny ýokarlandyrmaga baha bermegi;

-netijeliligi we gurama täsiri ölçemegi girizmeli.

Işgärleriň geçirilýän okuwyna we taýýarlygyna guramanyň netijeligine we täsirliligine garaşmak we täsir etmek nuktaýnazaryndan işgärleri geljege taýýarlamagyň meýilnamalaryny gowulandyrmaga serişde hökmünde baha bermek gerek.

Infrastruktura. Ýolbaşçy şol bir wagtda gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny hasaba alyp, önümiň durmuş döwrüniň prosesleri üçin gerek infrastrukturany kesgitlemeli. Infrastruktura önümçilik jaýy, iş giňişligi, iş serişdeleri we enjamlar, kömekçi gulluklar, maglumat we kommunikasion tehnologiýar ýaly serişdeleri, şeýle hem ulag serişdelerini öz içine alýar.

Önümiň netijeli we täsirli durmuş döwrüni gazanmak üçin infrastrukturany kesgitlemek prosesi:

a) maksatlar, funksionallyk, ulanyş häsiýetnamalar, taýýarlyk, harajatlar, howpsuzlyk, gizlinlik we dikeltmek nuktaýnazaryndan kesgitlenen infrastrukturany üpjün etmegi;

b) infrastrukturanyň guramanyň zerurlyklaryny ödemegi dowam etdirýändigine göz ýetirmek üçin tehniki hyzmatyň we abatlamagyň usullaryny işläp düzmegi we ornaşdyrmagy; bu usullar tehniki hyzmatyň we abatlamagyň görnüşini we ýygylygyny, şeýle hem infrastrukturanyň her elementiniň onuň möhümligine we peýdalanyş şygryna baglylykda hereket etmeginiň werifikasiýasyny göz öňünde tutmalydyr;

ç) gyzyklanýan taraplaryň isleginiň we tamalarynyň esasynda infrastruktura baha bermegi;

d) infrastruktura bilen baglanyşykly, tebigaty saklamak, hapalanmak, galyndylar we resikling ýaly töwerekdäki sredanyň meselelerine seretmegi öz içine alýar.

Infrastruktura dolandyrmak mümkin bolmadyk tebigy hadysalar täsir edip bilerler. Infrastrukturanyň meýilnamasynda degişli töwekgelçilikleri kesgitlemegi we azaltmagy göz öňünde tutmaly we gyzyklanýan taraplaryň bähbitlerini goramagyň strategiýasyny görkezmeli.

Önümçilik sredasy. Ýolbaşçy önümçilik sredasynyň işgärleriň motiwasiýasyna, kanagatlananlygyna we işine guramanyň işini gowulandyrmak maksady bilen oňyn täsirini üpjün etmelidir: Amatly önümçilik sredasy – adam we fiziki faktorlaryň birleşmesi döredilende:

-döredijilikli işiň usullaryna we guramanyň işgärleriniň mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek maksady bilen has doly çekmegiň mümkinçiliklerine;

-tehniki howpsuzlygyň kadalaryna we metodiki görkezmelere, şol sanda gorag serişdelerini ulanmak boýunça;

-ergenomika;

-iş ýerleriniň ýerleşişine;

-durmuşy özara täsire;

-guramada işgärleriň hyzmat ediş serişdelerine;

-temperatura, çyglylyga, ýagtylyga, howa wytýažkasyna;

-sanitar şertlere, arassalyga, güwwüldä, titremä we hapalanmaga üns bermeli.

Maglumat. Ýolbaşça maglumatlar bilen faktlara esaslanan we täzelikleri höweslendirip biljek çözgütler kabul edilende maglumata öwürmek we guramanyň bilim daýanjyny hemişe ösdürmek üçin düýpli çeşme hökmünde seretmelidir.

Gurama maglumatyň menejmenti üçin:

-maglumata öz zerurlyklaryny kesgitlemeli;

-maglumatyň içerki we daşarky çeşmelerine elýeterliligi kesgitlemeli we almaly;

-maglumaty guramada peýdalanylýan bilimlere öwürmeli;

-maksatlary we strategiýany goýmak we durmuşa geçirmek üçin maglumatlary, informasiýany we bilimleri peýdalanmaly;

-degişli howpsuzlygy we gizlinligi üpjün etmeli;

-maglumatyň we bilimleriň menejmentini gowulandyrmak maksady bilen maglumaty peýdalanmagyň hasabyna alynýan peýdalara baha bermegi geçirmeli.

Üpjün edijiler we hyzmatdaşla.Ýolbaşçy üpjün edijiler we hyzmatdaşlar bilen gymmat döredýän prosesleriň netijeliligini we täsirliligini özara gowulandyrmak maksady bilen maglumat alyşmagy goldamak we ýeňilleşdirmek üçin özara täsiri bellemeli.

Guramanyň öz üpjün edijileri we hyzmatdaşlary bilen iş arkaly gymmaty köpeltmäge dürli mümkinçilikleri bar, meselem:

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlaryň sanyny optimallaşdyrmak;

-meseleleri tiz çözmäge we gymmat bahaly gijä goýmalary ýa-da jedellere ýardam etmek üçin iki guramalaryň degişli derejelerinde iki taraplaýyn aragatnaşygy bellemek;

-üpjün edijiler bilen olaryň prosesleriniň mümkinçilikleriniň walidasiýasynda hyzmatdaşlyk;

-artykmaç ynamlylyklary aradan aýyrmak maksady bilen üpjün edijileriň degişli önümi bermek ukyplylygynyň monitoringi;

-üpjün edijileri işi hemişe gowulandyrmagyň maksatnamasyny ýerine ýetirmäge we gowulandyrmak boýunça beýleki bilelikdäki başlangyçlara gatnaşmaga höweslendirmek;

-üpjün edijileri taslamak we işläp düzmek boýunça guramanyň işine bilimleri alyşmak, durmuş döwrüniň proseslerini netijeli we täsirli gowulandyrmak we degişli önümi bermek maksady bilen çekmek;

-hyzmatdaşlary satyn almak zerurlyklaryny kesgitlemäge we strategiýany bilelikde işläp düzmäge çekmek;

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlaryň tagallalaryna we gazananlaryna baha bermek, ykrar etmek we sylaglamak.

## TEBIGY SERIŞTELER

Guramanyň işine täsir edip biljek tebigy serişdeleriň barlygyny göz öňünde tutmaly. Şeýle serişdeleriň köplenç gurama tarapyndan gös-göni dolandyrmakdan daşarda durýandygyna garamazdan, olar onuň netijelerine oňaýly ýa-da ýaramaz täsir edip bilerler. Guramanyň göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar üçin guramanyň işine ýaramaz täsiriň öňüni almak ýa-da iň kiçi derejä çenli azaltmak maksady bilen serişdeler bilen üpjün etmek ýa-da olary dikeltmek boýunça meýilnamalary ýa-da hereketleriniň meýilnamalary bolmalydyr.

Maliýe serişdeleri

Serişdeleriň menejmenti maliýe serişdelerine zerurlyklary we olaryň çeşmelerini bellemek boýunça işi öz içine alýar. Maliýe serişdelerine gözegçilik hakyky ulanmagy meýilnama bilen deňeşdirmegi we zerur hereketleri kabul etmegi öz içine alýar.

Meliýe serişdeleriniň menejmenti netijeli we täsirli hil menejmentiniň ulgamyny ornaşdyrmak we saklamak we guramanyň maksatlaryna ýetmek üçin gerek meýilnamalaşdyrmagy, barlygy üpjün etmegi we gözegçiligi öz içine alýar. Menejment şeýle hem guramanyň işini goldamak we gowulanmagyny höweslendirmek üçin öňde baryjy maliýe usullaryny işläp düzmegi göz öňünde tutýar.

Hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmak guramanyň maliýe netijelerine oňyn täsir edip biler, meselem:

a) içerden, prosesleriň we önümiň bökdençlerini ýa-da materiallary we wagty biderek harçlamagy azaltmak arkaly;

b) daşardan, önümiň bökdençlerini gysgaltmak, kepillikler we kepillendirmeler boýunça öwezi dolmaga harçlary peseltmek, şeýle hem sarp edijileriň we bazarlaryň ýitgileriniň bahasyny peseltmek arkaly.

Şeýle meseleler boýunça maglumat şeýle hem netijeli däl we täsirli däl işi bellemegiň serişdesini üpjün edip we gowulandyrmak boýunça amatly hereketleri başlap biler.

Hil menejmentiniň ulgamynyň hereket etmegi we önümiň laýyklygy bilen baglanyşykly iş boýunça maliýe hasabatlylygy ýolbaşçy tarapyndan derňewde peýdalanmaly.

## Prosesleriň menejmenti

Ýolbaşçy sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen önümiň durmuş döwri üçin gerek prosesleri kesgitleýär. Önümiň durmuş döwrüni üpjün etmek üçin degişli kömekçi proseslere, şeýle hem islenýän çykyşlara, prosesleriň döwürlerine, işe, akymlara, dolandyryş çärelerine, kadrlary taýýarlamakda zerurlyklara, enjamlara, maglumata, materiallara we beýleki serişdelere üns bermeli.

Prosesleriň menejmenti boýunça, aşakdakylary öz içine alýan, operatiw meýilnama düzmeli:

-girişe we çykyşa talaplary (meselem, spesifikasiýalar we serişdeler);

-prosesleriň içindäki işiň görnüşlerini;

-prosesleriň we önümiň werifikasiýasyny we walidasiýasyny;
-prosesiň derňewini, şol sanda onuň ygtybarlylygyny;
-töwekgelçilikleri kesgitlemegi, baha bermegi we azaltmagy;
-düzediji we duýduryjy hereketleri;
-prosesleri gowulandyrmak boýunça mümkinçilikleri we hereketleri;
-proseslere we önüme degişli üýtgetmeleri dolandyrmagy.

Kömekçi prosesleriň mysallary aşakdakylardyr:
-maglumatyň menejmenti;
-işgärleriň taýýarlygy;
-maliýe işi;
-infrastrukturany we hyzmaty saklamak;
-howpsuzlygy / goragy/ üpjün edýän senagat enjamlaryny ulanmak;
-marketing.

Girişler, çykyşlar we prosesiň derňewi

Prosesleýin çemeleşmäge laýyklykda çykyşlaryň werifikasiýasynda we walidasiýasynda ulanyljak talaplary resmileşdirmegiň esasyny üpjün etmek maksady bilen proses üçin girişleri kesgitlemek we bellige almak gerek. Gurama görä girişler içerki ýa-da daşarky bolup bilerler.

Girişe gümürtik ýa-da gapma-garşy talaplara degişli meseleleri çözmek bu meselä gatnaşygy bolan içerki we daşarky talaplar bilen maslahatlaryň geçirilmegini talap edip biler. Doly baha berilmegi entäk gutarmadyk işiň esasynda alnan giriş maglumatlary indiki derňew, werifikasiýa we walidasiýa arkaly baha bermäge sezewar etmeli. Gurama prosesleriň barşynda işiň netijeli we täsirli dolandyryş we monitoring meýilnamasyny işläp düzmek maksady bilen önümiň we prosesleriň möhüm we howply häsiýetnamalaryny barabarlaşdyrmak maslahat berilýär.

Girişe degişli meselelere seredilende aşakdakylara üns bermek gerek:
-işgärleriň başarjaňlygyna;
-resminamalara;
-enjamlaryň mümkinçiliklerine we monitoringine;
-zähmeti goramaga, howpsuzlyga we önümçilik sredasyna.

Prosesiň girişine talaplara görä, kabul etmegiň ölçütlerini goşmak bilen, werifisirlenen çykyşlar sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan talaplaryň isleglerini we tamalaryny göz öňünde tutmalydyr. Werifikasiýa maksady bilen çykyşy resminamalaşdyrmaly we girişe talaplara we kabul etmegiň ölçütlerine görä baha bermeli. Şeýle baha bermek düzediji, duýduryjy hereketleri ýa-da prosesiň netijeliligini we täsirliligini ýokarlandyrmagyň potensial mümkinçiliklerini kesgitleýär. Önümiň werifikasiýasyny prosesiň barşynda onuň üýtgäp durýandygyny kesgitlemek üçin amala aşyrmak bolar.

Guramanyň ýolbaşçysy prosesiň hereket edýän meýilnama laýyk gelýändigine göz ýetirmek üçin prosesiň häsiýetnamalarynyň döwürleýin derňewini geçirýär. Şeýle derňew üçin temalaryň mysallary aşakdakylardyr:
-prosesiň bökdençsizligi we gaýtalanýanlygy;
-potensial laýyk dälligi barabarlaşdyrmak we öňüni almak;
-taslamagyň we işläp düzmegiň girişleriniň we çykyşlarynyň meňzeşligi;
-girişleriň we çykyşlaryň meýilnamalaşdyrylan maksatlar bilen ylalaşyklylygy;

-gowulandyrmagyň mümkinçilikleri;
-çözülmedik meseleler.
Önümiň we prosesleriň walidasiýasy we üýtgemeleri
Ýolbaşça önümiň walidasiýasynyň onuň sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny kanagatlandyrmaga ukyplylygyny görkezmegi üpjün etmek gerek. Walidasiýa nusgalaşdyrmagy, imitirlemegi we synaglary, şeýle hem sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplary çekmek bilen derňewi öz içine almalydyr.
Üns berilmeli meseleler:
-hil ugurda syýasaty we maksatlary;
-enjamyň mümkinçiliklerini ýa-da derejesini;
-önümi ulanmagyň şertlerini;
-önümi peýdalanmagy ýa-da ulanmagy;
-önümi gaýtadan peýdalanmagy;
-önümiň durmuş döwrüni;
-önümiň töwerekdäki sreda täsirini;
-tebigy serişdeleri, şol sanda materiallary we energiýany ulanmagyň täsirini öz içine alýarlar.
Prosese täsir edýän üýtgemelere öz wagtynda täsiri üpjün etmek üçin walidasiýa prosesini degişli aralyklarda geçirmeli. Aşakdaky prosesleriň walidasiýasyna aýratyn üns berilýär:
-aýratyn gymmatly önüm we howpsuzlyga howply talaplary bolan önüm üçin;
-önümdäki kemçilikler diňe peýdalanylanda aýdyň bolup biljek ýerde;
-walidasiýa gaýtalanyp bilinmejek bolanda;
-önümiň werifikasiýasy mümkin bolmadyk ýerde.
Gurama önüme ýa-da proseslere üýtgetmeleriň gurama peýdalydygyna we gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny kanagatlandyrýandygyna göz ýetirmek üçin üýtgetmeleri netijeli we täsirli dolandyrmagyň prosesini ornaşdyrmak gerek. Üýtgetmeleri, olaryň beýleki proseslere, şeýle hem sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna täsiriniň derejesine düşünmek üçin, kesgitlemeli, bellige almaly, baha bermeli, derňemeli we dolandyrmaga sezewar etmeli.
Prosesde önümiň häsiýetnamalaryna täsir edýän islendik üýtgetmeleri bellige almak we önümiň laýyklygyny saklamak we düzediji hereketler ýa-da guramanyň işini gowulandyrmak boýunça materialy bermek üçin işgärleriň dykgatyna ýetirmeli. Dolandyrmagy üpjün etmek maksady bilen üýtgetmäni başlamak üçin ygtyýarlyklary kesgitlemeli.
Prosesiň çykyşy önüm bolan ýagdaýlarda, bu çykyşy islendik degişli üýtgetmeden soň, soňkynyň islenýän täsirine göz ýetirmek bolar ýaly, tassyklaýarlar.
Şeýle hem prosesleriň bökdençleriniň ýa-da kemçilikleriniň öňüni almagy meýilnamalaşdyrmak maksady bilen nusgalaşdyrmagyň usullaryny ulanmaga seredilip bilner.
Töwekgelçilikleriň ýüze çykmagynyň mümkinçiligine we prosesleriň ähtimal bökdençleriniň we kemçilikleriniň netijelerine baha bermek üçin töwekgelçiliklere baha bermegi geçirmeli. Netijeleri barabarlaşdyrylan töwekgelçilikleri azaltmak

maksady bilen duýduryjy hereketleri kesgitlemek we amala aşyrmak üçin peýdalanmak gerek. Töwekgelçiliklere baha bermegiň serişdeleriniň mysallary:

-bökdenjiň häsiýetiniň we netijeleriniň derňewi;

-bökdençleriň derňewi;

-baglylyk diagrammasy;

-nusgalaşdyrmagyň usullary;

-bökdençsizligiň çaklamasy.

Gyzyklanýan taraplar bilen baglanyşykly prosesler

Ýolbaşça gurama tarapyndan öz sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan taraplary bilen netijeli we täsirli aragatnaşygy saklamak üçin özara kabul ederlikli prosesleri kesgitlemegi üpjün etmek gerek. Gurama gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryny meňzeş düşünmegi we şu islegleri we tamalary guramany talaplara geçirmegi üpjün etmek üçin bu prosesleri ornaşdyrmalydyr we saklamalydyr. Bu prosesler degişli maglumaty kesgitlemegi we derňemegi, şeýle hem sarp edijileri we beýleki gyzyklanýan taraplary işeňňir çekmegi öz içine alýar.

Prosesler hakynda degişli maglumatyň mysallary:

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplary;

-bazary barlamak, şol sanda pudaklar we ahyrky peýdalanyjylar hakynda maglumatlar;

-şertnamalaýyn talaplar;

-bäsdeşleri derňemek;

-has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmek;

-kanun çykaryjy ýa-da beýleki hökmany talaplara degişli prosesler.

Gurama sarp edijileriň ýa-da beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaplaryna şol talaplara laýyklygy üpjün etmek boýunça çäreler başlanmazyndan öň doly düşünmek gerek.

Bu düşünmek we onuň täsiri gatnaşyjylar üçin özara kabul ederlik bolmalydyrlar.

Taslamak we işläp düzmek. Umumy talaplar

Ýokary ýolbaşçy guramada öz sarp edijileriniň we beýleki gyzyklanýan talaplaryň isleglerine we tamalaryna netijeli we täsirli täsir etmek üçin taslamagyň we işläp düzmegiň zerur prosesleriniň kesgitlenendigine, ornaşdyrylandygyna we iş ýagdaýynda saklanýandygyna göz ýetirmelidir.

Önüm ýa-da prosesler taslananda we işläp düzülende ýokary ýolbaşça guramanyň diňe öz esasy işini we öz funksiýalaryny däl-de, eýsem önümiň häsiýetnamalarynyň we prosesleriň görkezijileriniň sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň tamalaryna laýyk bolmagyna ýardam edýän ähli faktorlary göz öňünde tutmak ukyplylygyny üpjün etmek gerek. Meselem, gurama önümiň durmuş döwrüni, zähmeti goramagy, synaglary geçirmegiň mümkinçiligini, peýdalanylanda ýaramlylygy, ýöneýkeýligi, ygtybarlylygy, uzak ömürliligini, ergonomikany, daşarky sredany, önümi gaýtadan peýdalanmagy, şeýle hem käbir töwekgelçilikleri göz öňünde tutmalydyr.

Ýolbaşçy şeýle hem barabarlaşdyrmak we önümi peýdalanyjylar we guramanyň prosesleri üçin potensial töwekgelçiligi azaltmak boýunça çäreleri kabul etmek üçin jogapkärçilik çekýär. Olaryň ýüze çykmagynyň mümkinçiligine we

önümiň ýa-da prosesleriň ähtimal bökdençleriniň ýa-da kemçilikleriniň netijelerine baha bermek üçin töwekgelçiliklere baha bermegi geçirmeli. Baha bermegiň netijelerini barabarlaşdyrylan töwekgelçilikleri azaltmak maksady bilen duýduryjy hereketleri kesgitlemek we amala aşyrmak üçin peýdalanmak gerek. Taslamak we işläp düzmek töwekgelçiliklerine baha bermegiň serişdeleriniň mysallary:

-taslamanyň bökdençleriniň sebäpleriniň we netijeleriniň derňewi;

-bökdençleriň derňewi;

-bökdençsizligiň maglumaty;

-baglylygyň diagrammasy;

-tertibiň usullary;

-nusgalaşdyrmagyň usullary.

Taslamak we işläp düzmek üçin giriş we çykyş maglumatlar

Gurama proses üçin önümi taslamaga we işläp düzmäge täsir edýän we sarp edijileriň, şeýle hem beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny kanagatlandyrmak maksady bilen onuň işine netijeli we täsirli ýardam edýän giriş maglumatlaryny kesgitlemelidir. Bu daşarky islegler we tamalar guramanyň içerki teklipleri bilen bilelikde tassyklamak we işläp düzmek proseslerine talaplary girişlere geçirmäge ýaramly bolmalydyr.

Mysallar:

a) daşarky giriş maglumatlary:

-sarp edijileriň ýa-da bazaryň islegleri we tamalary;

-beýleki gyzyklanýan taraplaryň islegleri we tamalary;

-üpjün edijileriň goşandy;

-peýdalanyjynyň durumly taslamany we işläp düzmegi döretmäge ugrukdyrylan giriş maglumatlary;

-degişli kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplarda üýtgemeler;

-halkara we milli standartlar;

-durguşan tejribäniň senagat jem kanunlary.

b) içerki giriş maglumatlary:

-syýasat we maksatlar;

-guramanyň işgärleriniň, prosesleriň çykyş maglumatlaryny alýan adamlary goşmak bilen, islegleri we tamalary;

-tehnologiki işläp düzmeler;

-taslaýjylaryň we işläp düzüjileriň başarjaňlygyna talaplar;

-geçen tejribe hakynda yzyna maglumat;

-bar bolan prosesler we önüm hakynda ýazgylar we maglumatlar;

-beýleki prosesleriň çykyşlary;

ç) prosesleriň we önümiň olaryň howpsuzlygy, dogry hereket etmegi we hyzmaty üçin howply bolan häsiýetnamalaryny kesgitleýän aşakdakylar hakyndaky ýaly giriş maglumatlary:

-işi, gurnamasy we ulanmasy;

-saklanmagy, ýükleýiş-düşüriş işler we ibermek;

-fiziki parametrler we töwerekdäki sreda;

-önümiň gaýtadan peýdalanylmagyna talaplar.

Önüm bilen baglanyşykly, ahyrky peýdalanyjylaryň, şeýle hem gös-göni sarp edijileriň isleglerine we tamalaryna baha bermäge esaslanan giriş maglumatlaryň uly ähmiýeti bolup biler. Bu giriş maglumatlary önümi netijeli we täsirli werifisirlemek we walidirlemek bolar ýaly edip resmileşdirmek gerek.

Çykyş maglumatlar meýilnamalaşdyrylan talaplara laýyklygy werifikasiýany we walidasiýany geçirmäge mümkinçilik berýän maglumaty öz içine alýarlar. Taslamagyň we işläp düzmegiň çykyşynyň mysallary:

-proses üçin girişleriň prosesiň çykyşlary bilen deňeşdirmegi tassyklaýan maglumatlar;

-önüme spesifikasiýalar, şol sanda kabul etmegiň ölçütleri;

-prosese spesifikasiýalar;

-materiallara spesifikasiýalar;

-synaga spesifikasiýalar;

-işgärleri taýýarlamaga talaplar;

-peýdalanyjy we sarp ediji hakynda maglumatlar;

-satyn almalara talaplar;

-tehniki şertlere laýyklygy barlamagyň protokollary.

Taslamagyň we işläp düzmegiň çykyşlaryny girişlere görä çykyşyň prosese we önüme talaplary netijeli we täsirli kanagatlandyrýandygynyň obýektiw subutnamasyny üpjün etmek maksady bilen derňemeli.

Taslamany we işläp düzmegi derňemek

Ýokary ýolbaşça taslamak we işläp düzmek ugurda maksatlaryň gazanylandygyny kesgitlemek üçin yzygiderli derňewi dolandyrmaga we geçirmäge degişli işgärleri bellemegi üpjün etmek gerek. Şeýle derňewler taslamagyň we işläp düzmegiň prosesiniň seçilip alnan nokatlarynda, şeýle hem ol gutarandan soň, geçirilip bilner.

Şeýle derňewleriň obýektleri aşakdakylardyr:

-taslamak we işläp düzmek boýunça tabşyryklary ýerine ýetirmek üçin girişleriň meňzeşligi;

-taslamagyň we işläp düzmegiň meýilnamalaşdyrylan prosesiniň barşy;

-ynamlylygyň we walidasiýanyň maksatlara laýyklygy;

-önüm peýdalanylanda potensial töwekgelçilikleriň ýa-da bökdençleriň sebäplerine baha bermegi;

-önümiň häsiýetnamalaryna degişli durmuş döwrüniň maglumatlary;

-üýtgemeleri dolandyrmak we taslamagyň we işläp düzmegiň barşynda olaryň netijeleri;

-taslamak we işläp düzmek prosesini gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri;

-önümiň töwerekdäki sreda potensial täsiri.

Gurama şeýle hem amatly döwürlerde sarp edijileriň, şeýle hem prosesiň çykyş maglumatlaryny alýan guramanyň işgärleriniň isleglerini we tamalaryny kanagatlandyrmak üçin taslamagyň we işläp düzmegiň we prosesleriň çykyşlarynyň derňewini geçirmelidir. Şeýle hem beýleki gyzyklanýan taraplaryň isleglerine we tamalaryna üns bermek gerek.

Taslamagyň we işläp düzmegiň prosesiniň çykyşlaryna ynamlylyk boýunça işiň mysallary:

-girişe talaplary prosesiň çykyşyna görä deňeşdirmek;
-taslamakda we işläp düzmekde alternatiw hasaplamalar ýaly deňeşdirme usullaryny ulanmak;
-meňzeş zatlara görä baha bermek;
-giriş maglumatlaryna anyk talaplaryň laýyklygyna gözegçilik etmek maksady bilen barlamak, nusgalaşdyrmak we synag etmek;
-geçen tejribeden prosesiň laýyk dälligi we kemçilikleri ýaly netijelere baha bermek.

Taslamak we işläp düzmek prosesleriniň çykyşlarynyň walidasiýasy olary üstünlikli almak we sarp edijiler, üpjün edijiler, guramanyň işgärleri we beýleki gyzyklanýan taraplar tarapyndan peýdalanmak üçin möhümdir.

Taraplaryň gatnaşmagy hakyky peýdalanyjylara:
-konstruktirlemäge, gurnamaga ýa-da ulanmaga çenli inžener düzemäniň;
-gurmaga ýa-da peýdalanmaga çenli maksatnamalaýyn serişdesiniň çykyşlarynyň;
-olar giň girizilmezinden öň hyzmatlaryň walidasiýasynyň kömegi bilen baha bermäge mümkinçilik berýär.

Taslamagyň we işläp düzmegiň çykyş maglumatlarynyň olary geljekde ulanmagyň ynamlylygyny üpjün etmek maksady bilen bölekleýin walidasiýasy talap edilip bilner.

Werifikasiýanyň we walidasiýanyň barşynda taslamagyň we işläp düzmegiň usullaryny, şeýle hem kabul edilen çözgütleri derňemäge mümkinçilik berýän ýeterlik maglumatlary toplamak gerek. Usullaryň derňewi:
-prosesleri we önümi gowulandyrmagy;
-çykyş maglumatlaryň ulanylarlygyny;
-prosesiň we derňewiň ýazgylarynyň meňzeşligini;
-bökdençleri derňemek boýunça işi;
-taslamagyň we işläp düzmegiň geljekki zerurlyklaryny öz içine alýar.

Satyn almalar.Satyn almalaryň prosesi.

Ýokary ýolbaşçy satyn alnan önüme baha bermek we dolandyrmak üçin satyn almalaryň netijeli we täsirli proseslerini, onuň guramanyň, şeýle hem gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we talaplaryny kanagatlandyrmagy kesgitlemegi we ornaşdyrmagy üpjün etmeli.

Talaplar hakynda habar bermegi optimallaşdyrmak maksady bilen üpjün edijiler bilen elektron aragatnaşygy peýdalanmaga seretmek gerek.

Guramanyň netijeli we täsirli işi üçin ýolbaşçy satyn almalar proseslerine:
-satyn alynýan önüme islegleri we talaplary öz wagtynda, netijeli we takyk kesgitlemegi;
-önümiň häsiýetnamalaryny, bahasyny we üpjün etmegi hasaba almak bilen satyn alynýan önümiň bahasyna baha bermegi;
-guramanyň zerurlygyny we satyn alnan önümiň ynamlylygynyň ölçütlerini;
-üpjün edijileriň unikal proseslerini;
-şertnamany hem üpjün edijiniň, şeýle hem hyzmatdaşlaryň çärelerine görä dolandyrmagy;
-laýyk däl satyn alnan önümi kepillendirilen çalyşmagy;

-maddy-tehniki üpjünçilige talaplary;
-önümi barabarlaşdyrmagy we yzarlamagy;
-önümi saklamagy;
-ýazgylary goşmak bilen resminamalary;
-talaplardan gyşarmasy bolan satyn alnan önümi dolandyrmagy;
-üpjün edijileriň kärhanalaryna barmagyny;
-önümiň iberilmegi, gurnalmagy ýa-da ulanylmagy hakynda maglumatlary;
-üpjün edijileriň ösüşini;
-satyn alnan önüm bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri kesgitlemegi we azaltmagy girizmeli.

Üpjün edijiniň önümine we onuň proseslerine talaplary üpjün edijiler bilen bilelikde, şol üpjün edijileriň bilimlerinden peýda alyp, işläp düzmeli. Gurama şeýle hem üpjün edijileri olaryň önümini satyn almak prosesine, guramanyň satyn almalar prosesiniň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmak üçin çekip biler. Bu şeýle hem gurama onuň gorlaryny dolandyrmakda we bolmagyny üpjün etmekde kömek berip biler.

Gurama werifikasiýa, habar bermäge we önümiň laýyk dälligine täsir etmäge degişli ýazgylaryň zerurlygyny talaplara öz hususy laýyklygyny tassyklamak maksady bilen kesgitlemek gerek.

## Monitoring we ölçemeler üçin gurluşlary dolandyrmak

Ýolbaşçy sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny üpjün etmek üçin, önümiň we prosesleriň werifikasiýasynda we walidasiýasynda peýdalanylýan usullary we gurluşlary goşmak bilen, netijeli we täsirli prosesleri kesgitlemeli we ornaşdyrmaly. Bu prosesler gözegçiligi, nusgalaşdyrmagy we ölçemek we monitoring boýunça başga işi öz içine alýarlar.

Maglumatlara ynamlylygy üpjün etmek üçin ölçemek we monitoring proseslerine gurluşlaryň peýdalanmak üçin ýaramlylygyny we iş ýagdaýynda degişli takyklyk we kabul edilen etalonlara görä saklanýandygyny tassyklamagy girizmek, şeýle hem gurluşlaryň durumyny kesgitlemegiň serişdelerini girizmek gerek.

Gurama proseslerde potensial ýalňyşlary aradan aýyrmagyň beýleki serişdelerine hem seretmelidir, meselem blokirowkany, ölçemeler we monitoring üçin gurluşlary dolandyrmakda zerurlyklary iň az etmek üçin prosesleriň netijeleriniň werifikasiýasyny, şeýle hem gyzyklanýan taraplara gymmaty goşmak maksady bilen.

Ölçemek, derňemek we gowulandyrmak

Maglumatlary ölçemek faktlara esaslanan çözgütleri kabul etmek üçin möhümdir. Ýokary ýolbaşçy guramanyň netijeli işine we gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyna göz ýetirmek üçin netijeli ölçemeleri, maglumatlary toplamagy we walidasiýany üpjün etmeli. Bu iş degerliligiň derňewini we ölçemegiň maksatlaryny, şeýle hem guramanyň goşmaça gymmatyny üpjün etmek üçin maglumatlaryň göz öňünde tutulýan peýdalanylmagyny öz içine almalydyr.

Guramanyň prosesleriniň görkezijilerini ölçemegiň mysallary:
-guramanyň önümini ölçemek we baha bermek;
-prosesleriň mümkinçilikleri;

-taslamanyň maksatlaryna ýetmek;

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygy.

Gurama öz işini gowulandyrmak boýunça hereketleriň monitoringini hemişe amala aşyrmak we olaryň durmuşa geçirilişini bellige almak gerek, sebäbi bu geljekki gowulandyrmalar üçin maglumatlary üpjün edip biler.

Gowulandyrmak boýunça işiň barşynda alnan maglumatlaryň derňewiniň netijeleri guramanyň işini gowulandyrmak boýunça maglumaty üpjün etmek maksady bilen ýolbaşçy tarapyndan derňew üçin girişleriň biri bolup hyzmat edýär.

Üns berilmeli meseleler

Ölçemekde, derňemekde we gowulandyrmakda:

a) ölçemeleriň maglumatlaryny guramanyň peýdasyna boljak maglumata we bilimlere öwürmegi;

b) gurama tarapyndan ulanylýan ölçemeleriň usullaryny yzygiderli derňemegi, maglumatlary bolsa hemişelik esasda takyklyga we dolulyga ynandyrmagy;

ç) aýratyn prosesleri has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmegi prosesleriň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmagyň serişdesi hökmünde peýdalanmagyň zerurlygyny;

d) ölçemeleri peýdalanmak, maglumat toplamak we ony ähli gyzyklanýan taraplaryň dykgatyna ýetirmek gurama üçin has möhümdir we onuň işini gowulandyrmagyň we gyzyklanýan taraplary çekmegiň esasyny düzýärler, şeýle maglumat aktual we kesgitli maksatly bolmalydyr;

e) ölçemeleriň derňewinden gelip çykýan maglumaty bermegiň degişli serişdelerini ulanmagy;

ä) gyzyklanýan taraplar bilen aragatnaşygy saklamagyň netijeliligini we täsirliligini maglumatyň öz wagtynda we aýdyň düşünilendigini bellemek üçin ölçemek gerek;

f) eger prosesleriň görkezijileriniň we önümiň häsiýetnamalarynyň ölçütleri kanagatlandyrylýan bolsalar, olaryň tebigatyna gowy düşünmek maksady bilen häsiýetnamalar hakynda maglumatlaryň monitoringini we derňewini ozalkysy ýaly geçirmek, mümkin, maksada laýyk bolar;

g) degişli statistiki ýa-da beýleki usullary peýdalanmak hem prosesiň, şeýle hem ölçemelere gyşarmalara düşünmäge kömek edip biler, we, şeýleleikde, şeýle gyşarmalary dolandyrmak arkaly prosesiň görkezijilerini we önümiň häsiýetnamalaryny gowulandyryp biler;

h) hil menejmentiniň ulgamynyň ösüşiniň dolulygyna, guramanyň işiniň derejesine, şeýle işi gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri kesgitlemäge baha bermek maksady bilen öz-özüňe baha bermegi döwürleýin maslahatlaşmagy geçirmegi göz öňünde tutmak gerek .

Ýokary ýolbaşçy hil menejmentiniň ulgamynyň işini gowulandyrmagyň ugurlary kesgitlenende netijeli we täsirli usullaryň peýdalanylmagyny üpjün etmelidir. Şeýle usullaryň mysallary:

-sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny yzarlamak;

-içerki auditler;

-maliýe görkezijilerini ölçemek;

-öz-özüňe baha bermek.

Sarp edijileriň kanagatlananlygyny ölçemek we monitoringi

Sarp edijileriň kanagatlananlygyny ölçemek we monitoringi sarp edijiler bilen baglanyşykly maglumatyň derňewine esaslanýarlar. Şeýle maglumaty toplamak aktiw ýa-da passiw bolup biler. Ýolbaşça sarp edijiler bilen baglanyşykly maglumatyň köp çeşmeleriniň bardygyny göz öňünde tutmak we guramanyň işini gowulandyrmak üçin görkezilen maglumaty toplamagyň, derňemegiň we peýdalanmagyň netijeli we täsirli proseslerini işläp düzmek gerek. Gurama sarp edijiler we ahyrky peýdalanyjylar hakynda maglumatyň ýazmaça we dilden görnüşde elýeterli içerki we daşarky çeşmelerini kesgitlemeli. Sarp edijiler bilen baglanyşykly maglumatyň mysallary:

-sarp edijileriň we peýdalanyjylaryň maglumaty;

-önümiň geljegi boýunça yzyna aragatnaşyk;

-sarp edijileriň talaplary we şertnama boýunça maglumat;

-bazaryň zerurlyklary;

edilen hyzmatlar hakynda maglumatlar;

-bäsdeşlige degişli maglumat.

Ýolbaşça sarp edijileriň kanagatlananlygyny ölçemegi möhüm durmuşy serişde hökmünde peýdalanmak gerek. Gurama tarapyndan sarp edijileriň kanagatlananlygy hakynda yzyna aragatnaşygy soramak, ölçemek we monitoring maglumaty hemişelik esasda üpjün edýärler. Bu proses talaplara laýyklygy, sarp edijileriň islegleriniň we tamalarynyň kanagatlandyrylmagyny, şeýle hem önümiň bahasyny we iberilmegini üpjün edýärler.

Gurama sarp edijileriň kanagatlananlygy hakynda maglumatyň çeşmelerini işläp düzmeli we peýdalanmaly, şeýle hem öz sarp edijileri bilen geljekki zerurlyklary saklamak maksady bilen hyzmatdaşlyk etmeli. Gurama sarp edijileriň pikirini netijeli we täsirli göz öňünde tutmak üçin prosesleri meýilnamalşdyrmalydyr we işläp düzmelidir. Şu prosesleri meýilnamalaşdyrmagyň kömegi bilen, maglumatyň çeşmelerini, toplamagyň ýygylygyny we maglumatlaryň derňewini goşmak bilen, maglumatlary toplamagyň usullaryny kesgitlemek we ornaşdyrmak gerek.

Sarp edijileriň kanagatlananlygy hakynda maglumatyň çeşmeleriniň mysallary:

-sarp edijileriň şikaýatlary;

-sarp edijiler bilen gös-göni duşuşmak;

-anketleşdirmek we synlar;

-kömekçi potrat boýunça maglumatlary toplamak we derňemek;

-maksatlaýyn toparlar;

-sarp edijileriň – guramalaryň hasabatlary;

-dürli maglumat serişdelerinde hasabatlar;

-senagatyň we ykdysadyýetiň pudaklaryny öwrenmek.

Ýokary ýolbaşçy hil menejmentiniň ulgamynyň güýçli we gowşak taraplaryna baha bermek üçin içerki auditiň netijeli we täsirli prosesini işläp düzmegi üpjün etmeli. Içerki auditiň prosesi islendik görkezilen prosese ýa-da işiň görnüşine garaşsyz baha berlende menejment serişdesi hökmünde hereket edýär. Ol bar bolan talaplaryň ýerine ýetirilendigine obýektiw tassyklamalar alnanda peýdalanmak üçin

garaşsyz bolýar, sebäbi içerki auditde guramanyň netijeliligine we täsirliligine baha berilýär.

Ýolbaşçynyň içerki auditiň netijelerinden gelip çykýan ýokarlandyrmak boýunça hereketleriň geçirilmegini üpjün etmegi möhümdir. Meýilnamalaşdyrmak auditiň barşynda alnan netijelere üýtgetmeleri girizip bolar ýaly çeýe bolmalydyr. Audite degişli ugurlardan, şeýle hem beýleki gyzyklanýan taraplardan alnan degişli giriş maglumatlary içerki auditiň meýilnamalary işlenip düzülende göz öňünde tutmaly.

Içerki auditde seredilmeli obýektler:

-prosesleriň netijeli we täsirli ornaşdyrylmagy;

-hemişe gowulandyrmagyň mümkinçilikleri;

-prosesleriň mümkinçilikleri;

-statistiki usullaryň netijeli we täsirli ulanylmagy;

-maglumat tehnologiýalarynyň peýdalanylmagy;

-hile çykdajylar hakynda maglumatlaryň derňewi;

-serişdeleriň netijeli we täsirli peýdalanylmagy;

-prosesleriň we önümiň tamalary we işlemeginiň netijeleri;

-işi ölçemegiň meňzeşligi we takyklygy;

-gowulandyrmak boýunça iş;

-gyzyklanýan talaplar bilen gatnaşyklar.

Içerki auditler boýunça hasabatlara ýolbaşça işgärleri tanamaga we bellemäge mümkinçilik bermek üçin käwagt guramanyň oňat işiniň subutnamalaryny goşýarlar.

Ýolbaşça prosesleriň barşynda alnan maglumatlary ähli proseslere ulanarlykly deňeşdirilýän çäreleri üpjün etmek we guramanyň netijeli we täsirli işini ýokarlandyrmaga ýardam etmek üçin maliýe häsiýetli maglumata öwürmäge seretmek gerek. Maliýe çäreleriniň mysallary:

-duýduryjy we baha beriji çäreleriň derňewi;

-laýyk dälligiň gymmatynyň derňewi;

-içerki we daşarky bökdençleriň gymmatynyň derňewi;

-durmuş döwrüniň gymmatynyň derňewi.

Öz-özüňe baha bermek

Ýokary ýolbaşçy öz-özüňe baha bermegiň meselelerine seretmeli. Öz-özüňe baha bermek – adatça guramanyň öz ýolbaşçysy tarapyndan geçirilýän, netijesi guramanyň netijeliligi we täsirliligi we hil menejmentiniň ulgamynyň kämillik derejesi hakynda pikir ýa-da garaýyş bolan dykgatly baha bermek. Öz-özüňe baha bermek gurama tarapyndan öz işini daşarky guramalaryň has gowy gazanylanlary we işiň berlen görnüşini boýunça dünýä derejesi bilen deňeşdirmekde peýdalanylyp bilner. Ol haçan guramanyň içerki garaşsyz auditiň prosesi bar bolan syýasatyň, kadanyň ýa-da talaplaryň ýerine ýetirilendigi hakynda obýektiw subutnamalary almak üçin peýdalanylýan wagtynda, guramanyň işini gowulandyrmaga baha bermekde kömek edýär (içerki auditde hil menejmentiniň ulgamynyň netijeliligine we täsirlilige baha berilýärler).

Öz-özüňe baha bermegiň möçberini we derejesini guramanyň maksatlaryna we ähmiýetine esaslanyp meýilnamalaşdyrmak gerek. A goşundyda getirilen öz-özüňe baha bermegiň usuly guramada hil menejmentiniň ulgamyny ornaşdyrmagyň

netijeliliginiň we täsirliliginiň derejesini kesgitlemäge ugrukdyrylandyr. A goşundyda getirilen öz-özüňe baha bermegiň usulyny ulanmagyň birnäçe artykmaçlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

-düşünmek üçin ýönekeý;

-peýdalanylanda ýeňil;

-ýolbaşçynyň iň pes serişdelerini talap edýär

-guramanyň hil menejmentiniň ulgamynyň hereket etmegini gowulandyrmak üçin giriş maglumatlary üpjün edýär.

A goşundy öz-özüňe baha bermegiň mysallaryndan biridir. Öz-özüňe baha bermäge hiliň içerki we daşarky auditine alternatiwa hökmünde seretmeli däl. A goşundyda beýan edilen usuly ulanmak ýolbaşça guramanyň işiniň we hil menejmentiniň ulgamynyň kämillik derejesiniň umumy ýagdaýyny berip biler. Öz-özüňe baha bermek şeýle hem guramada gowulandyrmagy talap edýän ugurlary kesgitlemek we ähmiýetlilikleri goýmaga kömek bermek üçin giriş maglumatlary üpjün edip biler.

Prosesleriň ölçemeleri we monitoringi

Gurama ölçemek usullaryny kesgitlemeli we olary prosesleriň ýerine ýetirilişine baha bermek üçin geçirmeli. Gurama bu ölçemeleri proseslere girizmek we prosesleriň menejmentinde peýdalanmak gerek.

Ölçemeleri amallaryň gündelik menejmentinde döwürleýin we hemişelik gowulandyrmak üçin obýektler bolup biljek proseslere baha berlende, şeýle hem çaka we guramanyň strategiki maksatlaryna görä öňe gitmegiň taslamalary üçin ulanýarlar.

Prosesleriň ýerine ýetirilmeginiň ölçemeleriniň gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny barabar almagy gerek. Mysallar:

-mümkinçilikler;

-täsir etmegiň wagty;

-döwrüň dowamlylygy ýa-da öndürijilik;

-ygtybarlylygyň ölçelýän aspektleri;

-önümiň goýberilmegi;

-guramanyň işgärleriniň işiniň netijeliligi we täsirliligi;

-tehnologiýalaryň ulanylmagy;

-önümçilik däl çykdajylaryň azalmagy;

-harajatlaryň bölünişi we azalmagy.

Ölçemek we önümiň monitoringi

Gurama öz önümini ölçemäge (kabul etmegiň ölçütlerini goşmak bilen) talaplary işläp düzmelidir we bellemelidir. Önümi ölçemegi gyzyklanýan taraplaryň talaplarynyň ýerine ýetirilendigini we önümiň durmuş döwrüni gowulandyrmak üçin ulanylandygyny barlamak maksady bilen meýilnamalaşdyrmak we amala aşyrmak gerek.

Ölçemek usullary saýlanyp alnanda önümiň talaplara laýyklygyny üpjün etmek üçin, şeýle hem guramanyň sarp isleglerine we tamalaryna seredilende:

a) önümiň soňra olardan ölçemeleriň görnüşleri, ölçemegiň amatly serişdeleri, zerur takyklyk we talap edilýän endikler bagly bolýan häsiýetnamalarynyň görnüşlerini;

b) gerek enjamlary, maksatnamalaýyn serişdeleri we gurallary;

ç) önümiň durmuş döwrüniň yzygiderliliginde amatly ölçeg nokatlarynyň ýerleşişini;

d) her nokatda ölçemäge degişli häsiýetnamalary, ulanyljak resminamalary we kabul etmegiň ölçütlerini;

e) önümiň saýlanyp alnan häsiýetnamalaryny tassyklamak ýa-da ynamlylygy üçin sarp edijiler tarapyndan bellenen nokatlary;

ä) zakazçynyň gatnaşmagynda ýa-da kanun çykarylýan we reglementirleýji ygtyýarly edaralar tarapyndan barlagy ýa-da synagy;

f) guramanyň aşakdakylary geçirmek üçin kwalifikasiýasy bolan üçünji tarapy nirede, haçan we nähili çekmek niýetini (ýa-da bu sarp edijiler ýa-da kanun çykaryjy we reglamentleýji ygtyýarly edaralar tarapyndan talap edilýär):

-tipiň synaglaryny;

-prosesiň barşynda barlagy ýa-da synaglary;

-önümiň werifikasiýasyny;

-önümiň walidasiýasyny;

-önümiň kwalifikasiýasyny;

g) işgärleriň, materiallaryň, önümiň, prosesleriň we hil menejmentiniň ulgamynyň derejesini;

h) werifikasiýa we walidasiýa boýunça işiň gutarandygyny we makullanandygyny tassyklamak maksady bilen ahyrky barlagy;

i) önümi ölçemegiň netijelerini bellige almagy göz öňünde tutmalydyr.

Gurama işi gowulandyrmak mümkinçilikleri hasaba almak üçin önüm ölçelende peýdalanylýan usullary we ynamlylyk boýunça göz öňünde tutulýan ýazgylary derňemeli. Iş gowulandyrylanda seredilip bilinjek önümi ölçemek hakynda ýazgylaryň adaty mysallary:

-barlagyň we synaglaryň protokollary;

-materiallaryň goýberilendigi hakynda habarlar;

-önümi kabul etmegiň blankalary;

-eger zerur bolsa, laýyklyk sertifikaty.

Gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygynyň ölçemesi we monitoringi

Gurama ölçemeler boýunça gyzyklanýan taraplaryň (sarp edijilerden başga) zerurlyklaryny ýerine ýetirmek üçin talap edilýän we serişdeler bölünende balansy gazanmak üçin guramanyň proseslerine degişli maglumaty kesgitlemelidir. Şeýle maglumat guramanyň işgärlerine, eýelere we maýa goýujylara, üpjün edijilere we hyzmatdaşlara, şeýle hem jemgyýete degişli ölçemeleri öz içine alýar.

Ölçemeleriň mysallary:

a) guramanyň öz işgärleri babatda:

-öz işgärleriniň olaryň islegleriniň we tamalarynyň kanagatlananlyk derejesi hakynda pikiri öwrenmeli;

-işgärleriň hususy we köpçülikleryin işlerine we olaryň guramanyň netijelerine goşandyna baha bermegi geçirmeli;

b) eýeler we maýa goýujylar babatda gurama:

-goýulan maksatlary gazanmakda öz ukyplylygyna baha bermeli;

-öz maliýe işine baha bermeli;

-öz netijelerine daşarky faktorlaryň täsirine baha bermeli;

-görülen çäreleriň netijesinde alnan gymmaty kesgitlemeli;

ç) üpjün edijiler we hyzmatdaşlar babatda gurama:

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlaryň gurama tarapyndan amala aşyrylýan satyn almalar proseslerine olaryň kanagatlananlygyna degişli pikirini öwrenmeli;

-üpjün edijileriň we hyzmatdaşlaryň işi boýunça olaryň guramanyň satyn almalar ugrunda syýasatyna laýyklygy boýunça yzyna aragatnaşygy barlamaly we üpjün etmeli;

-satyn alnan önümiň hiline, üpjün edijileriň goşandyna we özara gatnaşyklardan peýdalara baha bermeli;

d) jemgyýet babatda gurama:

-jemgyýet bilen kanagatlanarly özara herekete ýetmek üçin onuň maksatlary bilen baglanyşykly netijeler hakynda amatly maglumatlary kesgitlemeli we yzarlamaly;

-öz hereketleriniň netijeliligine we täsirliligine we öz işiniň jemgyýetiň degişli gatlaklary tarapyndan kabul edilişine döwürleýin baha bermek. Laýyk dällikleri dolandyrmak.

Ýokary ýolbaşça guramanyň işgärlerini laýyk dällikleri öz wagtynda ýüze çykarmak we düzetmek üçin prosesiň islendik döwründe laýyk dällikler hakynda habar bermäge ygtyýarlyklary we jogapkärçiligi bermek, şeýle hem prosesleriň we önümiň talaplara laýyklygyny saklamak maksady bilen laýyk dälliklere täsir etmek boýunça ygtyýarlyklary kesgitlemelidir. Gurama laýyk däl önümi barabarlaşdyrmagy, izolirlemegi we gaýtadan peýdalanmagy, onuň nädogry peýdalanmagynyň öňüni almak üçin, netijeli we täsirli dolandyrmaly.

Tejribe taýdan maksada laýyk bolan ýerde, laýyk dällikleri öwrenmegi ýeňilleşdirmek we derňew we işi gowulandyrmak üçin maglumatlary üpjün etmek üçin şol bir wagtda olaryň ýerleşýän ýerini görkezmek bilen bellige almak gerek. Gurama şeýle hem önümiň durmuş döwrüne proseslere, şeýle hem kömekçi proseslere degişli laýyk dällikleri bellige almak we dolandyrmak hakynda çözgüt kabul edip biler.

Gurama şeýle hem işiň barşynda düzedilen laýyk dällikler boýunça bellige alnan maglumata seredip biler. Şeýle maglumatlar prosesleriň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmak boýunça gymmatly maglumaty berip bilerler.

Laýyk dällikleri derňemek we olary düzetmek

Guramanyň ýolbaşçysy ýüze çykaran laýyk dälli. kleriniň derňewini geçirmegiň we düzetmegiň netijeli we täsirli prosesiniň işlenip düzülmegini üpjün etmelidir. Laýyk dällikleriň derňewini haýsy hem bolsa bir meýilleriň ýa-da olaryň ýüze çykmagynyň üns talap edýändigini kesgitlemek maksady bilen ygtyýarly adamlaryň geçirmegi gerek. Ýaramaz meýiller olary gowy tarapyna üýtgetmeler, şeýle hem haçan olary azaltmak we zerur serişdeleri çekmek boýunça meseleler maslahatlaşylan wagtynda ýolbaşçy tarapyndan derňew üçin giriş maglumatlar hökmünde seredilýärler.

Derňewi amala aşyrýan işgärlerde laýyk dällikleriň umumy täsirine baha bermek üçin başarjaňlyk, şeýle hem laýyk dällikleri düzetmek we amatly düzediji hereketleri kesgitlemek boýunça ygtyýarlyklary we serişdeleri bolmalydyr. Laýyk

dällige düzetmegi tassyklamak sarp edijileriň şertnama talaby ýa-da beýleki gyzyklanýan taraplaryň talaby bolup biler.

Çözgütler ölçemeleriň netijesinde alnan we şu standartyň talaplaryna laýyklykda toplanan maglumatyň derňewine esaslanan bolmalydyrlar. Şu kontekstde gurama dürli çeşmeleriň maglumatlaryny hem işe meýilnamalar, maksatlar we beýleki kesgitlenen wezipeler bilen deňeşdirilende baha bermek, şeýle hem, gyzyklanýan taraplar üçin mümkin peýdalary goşmak bilen gowulandyrmak üçin ugurlary kesgitlemek üçin derňemeli.

Faktlara esaslanan çözgütler aşakdakylar ýaly netijeli we täsirli hereketleri talap edýärler:

-derňewiň tassyklanan usullaryny ulanmak;

-degişli statistiki usullary ulanmak;

-logiki derňewiň netijelerine esaslanan, tejribäni we duýgurlygy deňagramlaşdyrýan çözgütleri we çäreleri kabul etmek.

Maglumatlaryň derňewi bar bolan potensial meseleleriň ilkinji sebäbini kesgitlemäge we, şeýlelikde, gowulandyrmak üçin talap edilýän düzediji we duýduryjy hereketler boýunça çözgütleri kabul etmäge ýardam etmäge kömek edip biler.

Ýolbaşça guramanyň işine dolulygyna netijeli baha bermek üçin ähli gurluş birliklerden alnan maglumatlary we informasiýany umumylaşdyrmak we derňemek gerek. Guramanyň işini dolulygyna ýolbaşçynyň dürli derejeleri üçin amatly görnüşde bermek gerek.

Şeýle derňewiň netijeleri gurama tarapyndan:

-meýilleri;

-sarp edijileriň kanagatlananlygyny;

-beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny;

-prosesleriň netijeliligini we täsirliligini;

-üpjün edijileriň goşandyny;

-işi gowulandyrmak boýunça maksatlara üstünlikli ýetmekligi;

-hiliň ykdysady aspektlerini, maliýe we bazar görkezijileri;

-öz işini has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmekligi;

-bäsleşige ukyplylygyny kesgitlemek üçin peýdalanylyp bilnerler.

Ýolbaşçy gowulandyrmagyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak üçin meseläniň ýüze çykmagyna garaşman, ilki bilen guramanyň prosesleriniň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmaga hemişe ymtylmaly. Gowulandyrmalaryň aralygy kem-kemden hemişe dowam edýän gowulandyrmalardan gowulandyrmak şygrynda öňe gidişligiň strategiki taslamalaryna çenli bolup biler. Guramada işi gowulandyrmak boýunça kesgitlemegiň we menejmentiniň prosesi bolmalydyr. Bu gowulandyrmalar önümde we proseslerde we hatda hil menejmentiniň ulgamynda ýa-da guramada üýtgetmelere getirip biler.

Ýokary ýolbaşçy korrektirleýji hereketleri gowulandyrmak serişdesi hökmünde peýdalanmagy üpjün etmelidir. Düzediji hereketleri meýilnamalaşdyrmak meseleleriň möhümdigine baha bermegi öz içine alýar, ulanyş harajatlary, laýyk dälligiň gymmaty, önümiň häsiýetnamalary, ygtybarlylyk, howpsuzlyk, şeýle hem sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygy ýaly aspektlere

potensial täsir etmek arkaly aňladylýar. Düzediji hereketleri ýerine ýetirmek prosesinde degişli gulluklaryň işgärleri gatnaşýarlar. Hereketler kabul edilende şeýle hem prosesleriň netijeliligine we täsirliligine üns bermek, işlenýän maksatlary gazanmagy üpjün etmek üçin hereketleriň özüni monitoringe sezewar etmek gerek. Düzediji hereketlere ýolbaşçy tarapyndan derňewe girizmek üçin seretmeli.

Düzediji hereketleri geçirmek hakynda çözgüt kabul edilenden soň gurama maglumatyň çeşmelerini kesgitlemek we düzediji hereketleri kesgitlemek üçin maglumaty toplamak gerek. Kesgitli düzediji hereketleri meseläniň täzeden ýüze çykmagynyň öňüni almak üçin laýyk dällikleriň sebäplerini aradan aýyrmak üçin ugrukdyrmaly.

Düzediji hereketlere seretmek üçin maglumatyň çeşmeleriniň mysallary:

-sarp edijileriň şikaýatlary;

-laýyk dällikler hakynda hasabatlar;

-içerki auditler hakynda hasabatlar;

-ýolbaşçy tarapyndan derňewiň çykyş maglumatlary;

-maglumatyň derňewiniň çykyş maglumatlary;

-kanagatlananlygy ölçemeleriň çykyş maglumatlary;

-hil menejmentiniň ulgamy hakynda degişli ýazgylar;

-guramanyň işgärleri;

-prosesleriň ölçemeleri;

-öz-özüňe baha bermegiň netijeleri.

Laýyk dällikleriň sebäplerini kesgitlemegiň, aýratyn adam ýa-da düzediji hereketleri işläp düzmek üçin bellenen topar tarapyndan geçirilýän derňewi goşmak bilen, köp usullary bar. Gurama düzediji hereketler maýalaşdyrylanda, seredilýän meseläniň mümkin netijelerine esaslanyp, artykmaçlyklary kesgitlemeli.

Hereketlerde zerurlyga baha berlende laýyk dällikleriň gaýtalanmagyny aradan aýyrmak maksady bilen gurama düzediji hereketleriň taslamalaryna girizilen işgärleriň taýýarlygyny geçirmegi göz öňünde tutmalydyr.

Gurama ilkinji sebäpleriň derňewini, eger ol maksada laýyk bolsa, düzediji hereketleriň prosesine girizýär. Ilkinji sebäpleriň derňewiniň netijelerini düzediji hereketleri kesgitlemekden we inisirlemekden öň synag etmek bilen barlamaly.

Ýolbaşçy prosesleriň görkezijilerini we önümiň häsiýetnamalryny saklamak maksady bilen guramada ýitgileriň täsirini azaltmagy meýilnamalaşdyrmalydyr. Meýilnamalaşdyrylan görnüşde ýitgileriň öňüni almagy önümiň durmuş döwrüniň prosesleri we kömekçi prosesler, şeýle hem gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny üpjün etmek maksat bilen iş we önüm babatda ulanmaly.

Ýitgileriň öňüni almagy meýilnamalşdyrmagyň netijeli we täsirli bolmagy üçin ony yzygiderli amala aşyrmak gerek. Meýilnamalaşdyrmagyň yzygiderligi meýiller boýunça ozalky maglumatlara we guramanyň işiniň we onuň önüminiň howply ýagdaýyna baha bermegi öz içine alýan degişli usullar arkaly alnan maglumatlara esaslanýar. Maglumatlar:

-häsiýetiň derňewi we bökdençleriň netijeleri ýaly, töwekgelçilikleriň derňewiniň serişdelerini peýdalanmak;

-sarp edijileriň isleglerini we tamalaryny derňemek;

-bazary derňemek;

-derňewiň çykyş maglumatlaryny, şol sanda ýolbaşçy tarapyndan derňewi peýdalanmak;

-kanagatlananlygy ölçemek;

-prosesleri ölçemek;

-gyzyklanýan taraplardan maglumatyň birleşdirilen çeşmelerini peýdalanmak;

-hil menejmentiniň ulgamynyň degişli ýazgylaryny;

-ozalky tejribeden alnan sapaklar;

-öz-özüňe baha bermegiň netijeleri;

-dolandyryp bolmaýan şertleriň ýakynlaşandygy hakynda ir duýdurmagy üpjün edýän prosesler arkaly alnyp bilnerler.

Şeýle maglumatlar ýitgileriň öňüni almagyň netijeli we täsirli meýilnamasyny işläp düzmek we gyzyklanýan taraplaryň isleglerini we tamalaryny kanagatlandyrmak üçin, her prosese we önüme degişli artykmaçlyklary kesgitlemek üçin maglumaty üpjün edýärler.

Ýitgileriň öňüni almagyň meýilnamalarynyň täsirliligine we netijeliligine baha bermegiň netijelerini ýolbaşçy tarapyndan derňewiň çykyş maglumatlary hökmünde peýdalanmaly we olary meýilnamalary nusgalaşdyrmak üçin giriş maglumatlar hökmünde, şeýle hem prosesleri gowulandyrmak üçin giriş maglumatlary hökmünde ulanmaly.Guramanyň işini hemişe gowulandyrmak

Guramanyň geljegini we gyzyklanýan taraplary üpjün etmäge ýardam bermek üçin ýolbaşça proseslеriň görkezijilerini, önümiň işini we häsiýetnamalaryny gowulandyrmagyň mümkinçiliklerini işeňňir gözlemäge işgärleri çekmäge ýardam edýän medeni sredany döretmek gerek.

Işgärleri çekmek maksady bilen ýokary ýolbaşçy ygtyýarlyklar guramanyň öz işini gowulandyryp biljek ugurlaryny kesgitlemek boýunça jogapkärçiligi işgärler öz üstüne alar ýaly edip berilýän sredany döretmeli. Muny:

-guramanyň işgärleriniň öňünde, şol sanda taslamalaryň çäklerinde, maksatlary goýmak;

-bäsdeşleriň gazananlary we gowy tejribe bilen deňeşdirmek;

-gowulandyrmalaryň gazanylanlygy ykrar etmek we sylaglamak;

-teklipleriň aýdyňlygy, şol sanda ýolbaşçynyň öz wagtynda täsir etmegini goşmak bilen, ýaly işler arkaly gazanyp bolar.

Gowulandyrmak boýunça işiň gurluşyny üpjün etmek üçin ýokary ýolbaşça önümiň durmuş döwrüniň proseslerine, kömekçi proseslere we başga işe ulanylyp bilinjek hemişe gowulandyrmagyň prosesini kesgitlemek we ornaşdyrmak gerek.

Gowulandyrmak prosesiniň netijeliligini we täsirliligini gazanmak maksady bilen önümiň durmuş döwrüniň proseslerine we kömekçi proseslere aşakdaky nuktaýnazardan üns bermeli:

-netijelilik (meselem, talaplaryň ýerine ýetiriliş derejeleri);

-täsirlilik (meselem, önüm birligine wagtda we pullarda aňladylan serişdeleriň çykdajysy);

-daşarky täsirler (meselem, kanunlaryň we reglamentleriň üýtgemeleri);

-potensial gowşaklyk (meselem, mümkinçilikleriň we ylalaşygyň ýoklugy);

-gowy usullary ulanmagyň mümkinçiligi;

-meýilnamalaýyn we meýilnamalaýyn däl üýtgetmeleri dolandyrmak;

-meýilnamalaşdyrylan peýdalary ölçemek.

Hemişe gowulandyrmagyň şeýle prosesini guramanyň içerki netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmak serişdesi hökmünde, şeýle hem sarp edijileriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň kanagatlananlygyny ýokarlandyrmak üçin peýdalanmak gerek.

Ýolbaşçy bar bolan proseslerden, şeýle hem gurama we gyzyklanýan taraplar üçin iň ýokary peýdany almak üçin öňe gidişligiň mümkinçiliklerinden aýrylmasyz kem-kemden dowam edýän işiň görnüşinde gowulandyrmagy saklamaly.

Gowulandyrmak prosesini saklamak üçin giriş maglumatlarynyň mysallary aşakdakylardan alnan maglumaty saklamalydyr:

-walidasiýa maglumatlaryndan;

-prosesiň netijeleriniň maglumatlaryndan;

-synaglaryň maglumatlaryndan;

-öz-özüňe baha bermegiň maglumatlaryndan;

-bellenen talaplardan we gyzyklanýan taraplardan yzyna aragatnaşykdan;

-guramanyň işgärleriniň tejribesinden;

-maliýe maglumatlaryndan;

-önümiň häsiýetnamalary hakynda maglumatlardan;

-hyzmatlaryň edilendigi hakynda maglumatlardan.

Ýolbaşça önüme ýa-da prosese girizilýän üýtgetmeleriň makullanmagyny, artykmaçlyklar boýunça bölünmegini, meýilnamalaşdyrylmagyny, maddy-tehniki goldawyň bolmagyny, gyzyklanýan taraplaryň talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen dolandyrylmagyny, şeýle hem guramanyň mümkinçiliklerinden ýokary geçmezligini üpjün etmeli.

## Üpjün edijileri dolandyrmagyň prosesi

Gurama satyn almalaryň prosesleriniň netijeliligini we täsirliligini bütinlikde üpjün etmek üçin bar bolan üpjün edijileri ýa-da hyzmatdaşlary ösdürmek we olaryň talap edilýän önümi ibermek ukyplylygyna baha bermek maksady bilen satyn alynýan materiallar üçin potensial çeşmeleri kesgitlemegiň netijeli we täsirli proseslerini işläp düzmelidir.

Üpjün edijileri dolandyrmagyň prosesi üçin girişleriň mysallary:

-degişli tejribä baha bermek;

-üpjün edijileriň işi bäsdeşleriň işi bilen deňeşdirilende;

-satyn alnan önümiň hiliniň, bahasynyň, ibermegiň amala aşyrmagyň we meselelere täsir etmegiň derňewi;

-üpjün edijileriň menejmentiniň ulgamlarynyň auditi we olaryň sarp edijileri zerur önüm bilen netijeli, täsirli we grafige laýyklykda üpjün etmeginiň potensial ukyplylygyna baha bermek;

-üpjün edijileriň sarp edijileriň kanagatlanandygy hakynda maglumatlaryny we bar bolan maglumatlaryny barlamak;

-üpjün edijileriň ibermegiň we hyzmatdaşlygyň göz öňünde tutulýan döwrüniň dowamynda durmuşa ukyplylygyny üpjün etmäge maliýe taýdan baha bermek;

-üpjün edijileriň talaplara, kotirowkalara täsir etmegi we bäsdeşliklere gatnaşmagy;

-üpjün edijiler tarapyndan hyzmat etmegiň, gurnamagyň we saklamagyň mümkinçilikleri we işiň talaplara laýyklykda öňi;

-üpjün edijileriň habarlylygy we ulanylýan kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplara laýyklygy;

-üpjün edijiler tarapyndan maddy-tehniki üpjünçilikleriň mümkinçiliklerini, ýerleşýän ýerini we serişdeleri goşmak bilen;

-üpjün edijiniň birleşmede ýagdaýy we roly, şeýle hem ony jemgyýetiň kabul etmegi.

Ýolbaşça guramanyň işine we üpjün edijiler tarapyndan talaplar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda gyzyklanýan talaplaryň kanagatlananlygyny saklamak üçin talap edilýän hereketlere seretmek gerek.

Öndürmek we hyzmat etemek boýunça amallar

Önümiň durmuş döwrüniň amallary we prosesleri

Guramanyň ýokary ýolbaşçysy talaplara laýyklygy gazanmak we gyzyklanýan taraplara peýdalary üpjün etmek üçin önümiň durmuş döwrüniň proseslerini dolandyrmak bilen çäklenmeli däldir. Muny önümiň durmuş döwrüniň prosesleriniň we aşakdakylar ýaly degişli kömekçi prosesleriniň netijeliligini we täsirliligini gowulandyrmak arkaly gazanmak bolar:

-önümçilik däl çykdajylary azaltmak;

-işgärleri taýýarlamak;

-maglumaty alyşmak we ony bellige almak;

-üpjün edijileriň mümkinçiliklerini ösdürmek;

-infrastrukturany gowulandyrmak;

-meseleleri öňünden goýmak;

-işläp taýýarlamagyň usullary we prosesiň mümkinçilikleri;

-monitoringiň usullary.

Barabarlaşdyrmak we yzarlamak

Gowulandyrmak üçin peýdalanylyp bilinjek maglumatlary toplamak maksady bilen gurama barabarlaşdyrmagyň we yzarlamagyň talaplaryň çäginden çykýan prosesini işläp düzüp biler.

Barabarlaşdyrmaga we yzarlamaga zerurlyk:

-önümiň durumyna, şol sanda seriýalaýyn önümçiligiň bölekleriniň durumyna;

-prosesleriň durumyna we mümkinçiliklerine;

-has gowy gazanylanlar bilen deňeşdirmek boýunça maglumatlara, meselem marketing barlaglaryň netijelerine;

-önümi yzyna gaýtarmak mümkinçiligi ýaly şertnama talaplara;

-degişli kanun çykaryjy we beýleki hökmany talaplara;

-göz öňünde tutulýan peýdalanmaga ýa-da ulanmaga;

-howply materiallara;

-barabarlaşdyrylan töwekgelçilikleriň azalmagyna esaslanyp biler.

Sarp edijileriň eýeçiligi

Gurama sarp edijilere we beýleki gyzyklanýan taraplara degişli we olaryň dolandyrmagynyň astynda bolan eýeçilik we beýleki aktiwler babatda jogapkärçiligi

eýeçiligiň gymmatyny goramak maksady bilen barabarlaşdyrmak gerek. Sarp edijileriň eýeçiliginiň mysallary:

-önüme goşmak üçin iberilen düzüm bölekler ýa-da komponentler;

-abatlamak, tehniki hyzmat etmek we abatlamak ýa-da kämilleşdirmek üçin iberilen önüm;

-sarp edijiler tarapyndan gos-göni iberilen gaplaýjy materiallar;

-sarp edijileriň saklamak ýaly hyzmatlar boýunça amallar üçin niýetlenen materiallary;

-sarp edijileriň adyndan sarp edijileriň üçünji tarapa eýeçiligi daşamak ýaly edilen hyzmatlar;

-spesifikasiýalary, çyzgylary we maglumaty goşmak bilen sarp edijileriň intellektual eýeçiligi.

## Önümiň laýyklygyny saklamak

Ýolbaşçy ýükleýiş-düşüriş işleriniň, önümi gaplamagyň, saklamagyň, konserwirlemegiň we ibermegiň proseslerini zaýalanmagynyň, ýagdaýynyň peselmeginiň ýa-da önümi içerki işläp taýýarlamagyň barşynda nädogry peýdalanmagynyň we gutarnykly ibermegiň öňüni almak üçin kesgitlemelidir we ornaşdyrmalydyr. Ýolbaşça üpjün edijileri we hyzmatdaşlary satyn alnan materiallary goramagyň netijeli we täsirli proseslerini kesgitlemäge we ornaşdyrmaga çekmek gerek.

Ýolbaşçy önümiň häsiýetinden gelip çykýan islendik ýörite talaplaryň zerurlygyna seretmeli. Ýörite talaplar maksatnamalaýyn we elektron serişdeleri, howply materiallar, hyzmat etmek, gurnamak ýa-da ulanmak üçin ýörite işgärleri talap edýän önüm, şeýle hem unikal ýa-da tapylgysyz bolan önüm ýa-da materiallar bilen baglanyşykly bolup bilerler.

Ýolbaşçy önümi onuň durmuş döwrüniň dowamynda zaýalanmagynyň, haraplanmagynyň ýa-da nädogry peýdalanylmagynyň öňüni almak üçin iş ýagdaýynda saklamak üçin zerur serişdeleri kesgitlemeli. Gurama çekilen gyzyklanýan taraplara önümi onuň durmuş döwrüniň bütin dowamynda göz öňünde tutulýan peýdalanylmagyny saklamak üçin talap edilýän serişdeler we usullar boýunça maglumaty habar berýär.

Önümiň laýyklygyny saklamak

Gurama içerki işläp taýýarlamagyň barşynda we niýetlenen ýerine ibermegiň prosesinde önümiň laýyklygyny saklamalydyr. Bu saklamak barabarlaşdyrmagy, ýükleýiş-düşüriş işlerini, gaplamagy, saklamagy we goramagy öz içine almalydyr. Saklamak şeýle hem önümiň düzüm bölеklerine hem ulanylmalydyr.

## Edebiýatlar

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Mawyýew N.″Standartlaşdyrmagyň we metrologiýanyň esasy düşünjeleri″. Aşgabat. 1997ý.
7. Основы стандартизации. Под редакцией В.В. Ткаченко,-М,: издательство «Стандарты»1988,-327с,
8. Медведев А.М. Международная стандартизация.- М,: издательство «Стандарты»1986.
9. TDS 1.0-93 Türkmenistanyň döwlet standartlaşdyryş ulgamy. Esasy düşünjeler.
10. ″Hil sözlügi ″. Aşgabat ″Türkmenstandartlary″ BDG-nyň maglumat merkezi.
11. TDS 1.0-93 ″Türkmenistanyň standartlaşdyrmak boýunça Döwlet ulgamy″.
12. TDS 1.5-93 ″Türkmenistanyň standartlaşdyrmak boýunça Döwlet ulgamy″. Standartlaryň gurluşyna, düzülişine, mazmunyna edilýän umumy talaplar. Aşgabat 1993ý.

Толкунова Э. А. Испытание трикотажа. М.: Легпромбытиздат, 1985. Соловьев А Н Кирюхин С.М.Оценка качества и стандартизация текстильных материалов М : Лёгкая индустрия 1974

13. Белянин Б В Эрих В Н Технический анализ нефтепрдуктов и газа М Химия 1970
14. Грачев М В Контроль качества и стандартизации в лёгкой промышленности.М. Лёгкая индустрия 1974
15. Елисеева С.И. Контроль качества сырья полуфабрикатов и готовой продукции на хлебзаводах. М.:Агропромиздат ,1987
16. Лакокрасочные материалы : Технические требования и контроль качества. М.: Т-1.2 .1977
17. Лившин М.Л. Технический анализ и контроль производства лаков и красок М.Высшая школа 1987
18. Лурье И.С. Руководство по технохимическому контролю в кондитерской промышленности.М.:Пищевая промышленность.1978
19. Мухитдинов М.Оптоэлектронные устройства контроля и измерения в текстильной промышленности.М.:Лёгкая пищевая промышленность.1978
20. Болотин Ю.В.Качество продукции – М.изд.Стандартов 1991.
21. Ткаченко В.В. Основы стандартизации и контроля качество продукции М. изд.Стандартов1990

## Mazmuny

| | | |
|---|---|---|
| | **Giriş** | 2 |
| 1. | Halkara standartlaşdyrma we sertifikatlaşdyrma | 3 |
| 2. | Halkara standartlar gulluklary we standartlary bilen tanyşmak. | 6 |
| 3. | Hile gözegçilik boýunça Ýewropa guramasy. | 8 |
| 4. | Halkara sertifikasiýasynyň usullary | 12 |
| 5. | Standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak boýunça milli ulgamlary. | 15 |
| 6. | Halkara elektrotehniki guramasy. (HEK). | 17 |
| 7. | Türkmenistanyň nebit-gaz senagatynda Halkara standartlary. | 20 |
| 8. | Türkmenstandartlary ˝ Baş Döwlet gullugyň orny. | 22 |
| 9. | Standartizasiýa boýunça döwletara guramalary | 23 |
| 10. | Halkara standartlaryny işläp düzülişiniň tehnologiýasy ulgamynyň | 28 |
| 11. | Hili dolandyryş ulgamynyň resminamalary | 35 |
| 12. | TDS 9004 standarty | 38 |
| 13. | Ulgamlaryň we prosesleriň menejmenti | 41 |
| 14. | Serişdeleriň menejmenti | 51 |
| 15. | Monitoring we ölçemeler üçin gurluşlary dolandyrmak | 62 |
| 16. | Önümleriň laýyklygyny saklamak | 74 |
| | **Edebiýat** | 75 |
| | **Mazmuny** | 76 |